**12-13-nji maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory G.Hanmyradowyň ýolbaşçylygyndaky medeniýet we sungat işgärlerini wekiliýeti türkmen-täjik dostluk Hepdeliginiň çäklerinde Türkmenistanyň Täjigistan Respublikasyndaky Ilçihanasy Täjigistan Respublikasynyň Ylymlar Akademiýasy bilen bilelikde Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Strategiki barlaglar merkezinde “Türkmenistanyň Bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň şertidir” atly ylmy-amaly maslahat geçirdi. Täjik tarapyndan döwlet edaralarynyň wekilleri, Täjigistan Respublikasynyň Ylymlar Akademiýasynyň alymlar geňeşiniň agzalary,



görnükli ylym, bilim medeniýet we sungat işgärleri gatnaşdylar. BMG-niň Täjigistandaky Hemişelik Utgaşdyryjysynyň orunbasary hanym A.K.Nikulita BMG wekilçilik etdi.

Mundan başga-da, çärä gatnaşyjylaryň arasynda Täjigistanda akkreditirlenen diplomatik korpusyň wekilleri, ýerli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, Täjigistanda ýaşaýan türkmenleriň wekilleri, şeýle-de Täjigistanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan türkmenistanly talyplar hem gatnaşdylar. Maslahatyň umumy mejlisinde Täjigistan Respublikasynyň Ylymlar Akademiýasynyň Prezidenti F.Rahimi, Türkmenistanyň Täjigistandaky Ilçisi I.Amanlyýew, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory G.Hanmyradow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Strategiki barlaglar merkeziniň Direktorynyň birinji orunbasary S.Safarow dagylar gutlag sözleri bilen çykyş etdiler. Türkmenistanyň Täjigistan Respublikasyndaky Ilçihanasy we Täjigistan Respublikasynyň Medeniýet ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň medeniýet we sungat sergisi guraldy hem-de A.Lahuti adyndaky Döwlet akademiki teatrynda Türkmenistanyň we Täjigistanyň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konsert maksatnamasy guraldy. Konsertde Türkmenistanyň we Täjigistanyň artistleri we sungat ussatlary çykyş etdiler, türkmen we täjik halklarynyň dürli halk tanslary we aýdymlary ýerine ýetirildi.

Maslahatyň çäklerinde şeýle-de Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hem-de türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň kitaplarynyň sergisi guraldy. Sergide Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň dürli dillerdäki kitaplary, Türkmenistanyň nusgawy şahyrlarynyň we häzirki döwürdäki ýazyjylarynyň eserleri, şeýle-de Türkmenistanyň we türkmen halkynyň taryhy, medeniýeti we sungaty, tebigaty we häzirki durmuşy hakynda gürrüň berýän dürli kitaplar hem-de žurnallar görkezildi. Şeýle-de Türkmenistanyň amaly-haşam sungatynyň, şekillendiriş

sungatynyň eksponatlary, etnografiki zatlarynyň, dürli zergärçilik bezegleri we halk döredijiliginiň beýleki eserleri hem görkezildi.

Türkmen wekiliýeti Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Jillikul etrabyna hem baryp gördiler. Hatlon welaýatynyň Jillikul etrabynyň Medeniýet köşgünde Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy hem-de Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly mynasybetli ylmy-amaly maslahat hem-de Türkmenistanyň we Täjigistanyň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konserti geçirildi. Soňra Jillikul etrabynyň Medeniýet köşgünde türkmen artistleriniň hem-de medeniýet we sungat ussatlarynyň Jillikul etrabynyň ýaşaýjylary üçin konsert maksatnamaly çykyşlary guraldy.

**14-nji maýda** Astananyň “Komfort” myhmanhanasynyň maslahatlar zalynda “Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy – parahatçylygyň, durnukly ösüşiň we abadançylygyň strategiýasydyr” atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi. Bu çäre Gazagystanyň “Nur Otan” partiýasynyň maglumat-wagyz toparynyň ýardam bermeginde Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky Ilçihanasy tarapyndan gurnaldy. Maslahatyň işine Türkmenistanyň Mejlisiniň, Gazagystanyň Mažilisiniň Parlamentiniň deputatlary, diplomatik korpusynyň wekilleri, syýasatşynaslar, alymlar, jemgyýetçilik işgärleri we talyplar gatnaşdylar. Maslahatyň çäklerinde şeýle-de çärä gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döreden türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň kitaplarynyň, türkmen halylarynyň we haly önümleriniň sergisi guraldy.

Maslahatyň açylyş dabarasynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň orunbasary G.Baýramowa, Gazagystanyň Mažilisiniň Parlamentiniň deputaty K.Burhanow we Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly Ygtyýarly Ilçisi M.Akmyradow dagylar çykyş etdiler. Maslahatda çykyş edenler Türkmenis-



tanyň bitaraplyk derejesiniň talaplaryna eýermegiň 20-ýyllyk tejribesi, bitaraplygyň taryhy we ösüşi barada hem-de Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygy saklamakda Türkmenistanyň bitaraplyk derejesiniň oňyn täsiri barada gürrüň etdiler.

Olar öz çykyşlarynda Türkmenistan öz döwlet garaşsyzlygyny alandan soň, özeninde parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, ýurtlar we halklar bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek ýaly ýörelgelere daýanýan ýurduň daşary syýasy strategiýasyny işläp taýýarlady diýip bellediler. Çäräniň soňunda maslahata gatnaşyjylar we myhmanlar gurnaýjylaryň adyna özleriniň minnetdarlyk sözlerini aýtdylar.

14-nji maýda Türkmenistanyň DIM-niň Lebap welaýaty boýunça wekilhanasynyň, Lebap welaýat häkimliginiň hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň bilelikde guramaklarynda, ”Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty: sebitde hoşniýetli we dostlukly hyzmatdaşlygyň girewidir” ally ylmy-amaly maslahaty geçirildi. Maslahata Lebap welaýat häkimliginiň wekilleri, Mejlisiň deputatlary, S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň ýolbaşçylary, mugallymlary we talyplary, şeýle hem welaýatyň jemgyýetçilik guramalarynyň, halk maslahatynyň, baş bilim, saglygy goraýyş we medeniýet müdirlikleriniň, sport baradaky komitetiniň, oba- hojalyk we senagat toplumlarynyň wekilleri gatnaşdylar. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy mynasybetli geçirilen bu ylmy-amaly maslahata, BMG-nyň Baş Sekretarynyň Merkezi Aziýa boýunça ýörite wekili, BMG-nyň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Petko Draganow hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň wekilleri gatnaşdylar. Maslahatdan öň myhmanlar, bu çäre mynasybetli Türkmenabat şäher häkimliginiň binasynyň foýesinde guralan, Türkmenistanyň gadymy taryhyny, baý däp-dessurlaryny hem-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýeten belent sepgitlerini açyp görkezýän giň göwrümli sergi bilen tanyşmak mümkinçiligini aldylar.

Maslahatyň umumy mejlisinde, BMG-nyň Baş Sekretarynyň ýörite wekili, BMG-nyň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Petko Draganow, Lebap welaýatynyň häkiminiň orunbasary M.A.Nurmyradowa, Türkmenistanyň Demokratik Partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň sekretary B.S.Suleýmanow, Owganystanly şahyr, abraýly ýaşuly Roz Muhammed Hoja Nepes, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Lebap welaýaty boýunça wekilhanasynyň ýolbaşçysynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji B.Aganyýazow, Owganystan Yslam Respublikasynvň wekili Muhammed Gurban Muhammed Kemal we S.Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby Jemal Akyýewa dagylar çykyş etdiler.

Çykyş edenleriň ählisi hem, Türkmenistanyň hoşniýetli Bitaraplyk syýasatynyň sebitdäki ähmiýetli ornuny, ýurdumyzyň dürli meseleler boýunça halkara işlerindäki işjeňligini bellediler we hormatly Prezidentimize alyp barýan oýlanşykly we öňdengörüjilikli daşary saýasaty üçin çäksiz minnetdarlyklaryny beýan etdiler.

Maslahat işini tamamlanandan soň, çäre mynasybetli Lebap welaýatynyň medeniýet we sungat işgärleriniň ýerine ýetirmeklerinde aýdym-sazly dabara boldy.



**15-nji maýda** Tbilisi şäherinde Gruziýanyň Milli Ylymlar akademiýasynyň binasynda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20-ýyllygyna bagyşlanyp “Konstitusiýa we Magtymguly Pyragynyň şygyrýet güni” atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Çäre Gruziýanyň Milli Ylymlar akademiýasynyň ýardam bermeginde Türkmenistanyň Gruziýadaky Ilçihanasynyň başlangyjy bilen guraldy.

Maslahat başlamazyndan öň oňa gatnaşyjylar ýörite taýýarlanylan sergide Magtymguly Pyragynyň döredijiligine we şygyrýetine bagyşlanan kitaplar, beýik türkmen şahyrynyň dünýäniň dürli dillerine terjime edilen eserleri bilen tanyşmaga mümkinçilik aldylar. Şeýle hem maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň syýasatyna we diplomatiýasyna, taryhyna we medeniýetine bagyşlanan kitaplar bilen tanyşdylar. Maslahata gatnaşyjylara Türkmenistanyň ýeten belent sepgitleri hakyndaky wideofilm hem görkezildi. Maslahatyň işine diplomatik korpusyň, halkara guramalarynyň wekilleri, Gruziýanyň Milli Ylymlar akademiýasynyň akademikleri, professor-mugallymlary gatnaşdylar.

Gutlag sözleri bilen Gruziýanyň Milli Ylymlar akademiýasynyň Prezidenti, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor, akademik G.Kwesitadze, Türkmenistanyň Gruziýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi D.Muratow, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň ýanyndaky Milli golýazmalar institutynyň Direktory, filologiýa ylymlarynyň doktory A.Aşyrow, filologiýa ylymlarynyň doktory, professor, akademik M.Şanidze, Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň ýanyndaky Türkmen döwlet ýöriteleşdirilen çeperçilik mekdebiniň uly mugallymy A.Annaýew, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor, akademik T.Uruşadze, filologiýa ylymlarynyň doktory, professor, akademik A.Silagadze dagylar çykyş etdiler. Olar öz çykyşlarynda gyşarnyksyz abraýy bilen türkmen halkynyň dünýä halklary bilen ynsanperwer gatnaşykla-

ryny ýola goýmak işinde meýletin wekil bolan beýik türkmen akyldarynyň keşbiniň kemala getirilmegine ýardam eden Magtymguly Pyragynyň döredijiligi we şygyrýeti, onuň mazmuny hakynda gürrüň berdiler. Şeýle-de bitaraplygyň türkmen nusgasy hem-de ýurduň bitaraplyk derejesiniň parahatçylygy we durnuklylygy saklamakdaky oňyn täsiri hakynda gürrüň edildi.

Çäräniň ahyrynda maslahata gatnaşyjylaryň öňünde Türkmenistanyň medeniýet ussatlary çykyş etdiler. Çäre tamamlanandan soňra ylmy maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň Gruziýadaky Ilçihanasynyň adyndan maslahata işjeň gatnaşandyklary hem-de onuň guralmagyna ýardam edendikleri üçin Hormat hatlary bilen sylaglandylar.

**15-nji maýda** Türkmenistanyň Ukrainadaky Ilçihanasy we ýokary okuw jaýlarynyň ýolbaşçylary tarapyndan guralan Odessanyň tehniki düzgünleşdirme we hil döwlet akademiýasynda şäheriň ýokary okuw jaýlarynyň wekilleri Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy mynasybetli ylmy-amaly maslahata gatnaşmak üçin ýygnandylar. Olar Bitarap türkmen syýasatynyň ösüş döwrüni we onuň häzirki zaman türkmen döwletiniň berkemegindäki ornuny bellediler. Edilen çykyşlarda Türkmenistan bilen Ukrainanyň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlygyň netijeliligi barada pikirler aýdyldy. Odessanyň tehniki düzgünleşdirme we hil döwlet akademiýasynyň rektory, tehniki ylymlaryň doktory, professor Leonid Kolomies ýygnanalara gutlag sözi bilen ýüzlenip, şunuň ýaly ylmy çäreleriň hünärmenleriň giň toplumy bilen geçirmegiň zerurlugyny alamatlandyrdy. Nutuklar we presentasiýalar bilen professor-mugallymlar toparynyň wekilleri çykyş etdiler. Şol gün ylmy maslahatyň öň ýanyndan talyplar “Ýer ýüzündäki parahatçylyk” atly fleşmob taýýarladylar. Ylmy çäräniň soňunda çeper höwesjeň türkmen-ukrain talyplarynyň yerine ýetirmeginde konsert taýýarlanyldy. Sah-



nadan türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň goşgulary, türkmen-ukrain aýdymlary ýaňlandy, milli tanslar iki ýurduň talyplary tarapyndan ýerine ýetirildi.

**19-njy maýda** Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Ilçihanasynyň başlangyjy bilen 2015-nji ýylyň “Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly” diýlip yglan edilmegi hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 20 ýyllygy mynasybetli Özbegistan Respublikasynyň Türkmen medeniýet merkeziniň Surhandarýa bölüminiň guramagynda Termez döwlet uniwersitetinde “Türkmenistanyň Bitaraplygy we onuň türkmen-özbek hoşmeýilli goňşuçylyk gatnaşyklaryna oňyn täsiri” atly maslahat geçirildi.

Maslahatyň işine Surhandarýa welaýat häkimliginiň wekili, Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Ilçisi, Termez döwlet uniwersitetiniň ýolbaşçylary, mugallymlary we bu uniwersitetde bilim alýan türkmenistanly we ýerli talyplar hem-de Termez şäherinde ýaşaýan türkmen diasporasynyň wekilleri gatnaşdylar.

Dabarada Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Ilçisi çykyş edip, ol Türkmenistanda 2015-nji ýylyň Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly diýlip yglan edilmegi bilen bagly Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 20 ýyllygy astynda ýurduň çäginde we daşary ýurtlarda geçirilmegi göz öňünde tutulýan çäreler baradaky maglumatlary çärä gatnaşyjylaryň dykgatyna ýetirdi. Çykyşlarda asyrlaryň dowamynda türkmen-özbek halklarynyň dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine yzygiderli goşan goşantlary, özara dostlukly gatnaşyklary, dil we taryhy umumylyklary, medeniýet dessurlarynyň ýakynlyklary barada giňişleýin gürrüň edildi. Maslahatyň resmi bölegi tamamlanandan son, Termez şäherinde ýaşaýan türkmen diasporasynyň wekilleriniň we Termez döwlet uniwersitetiniň talyplarynyň aýdym-sazly çykyşlary görkezildi.





**21-nji maýda** Hytaý Halk Respublikasynyň Şensi welaýatynyň merkezinde Gündogar we Günbatar Hytaýyň arasynda hyzmatdaşlyk, bazar gatnaşyklary we maýa goýum boýunça 19-njy Halkara ýarmarkasynyň çarçuwasynda şeýle-de Ýüpek ýolunyň halkara ekspozisiýasy “Beýik Ýüpek ýoly-özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýoly” atly türkmen-hytaý wekilçilikli işewürler maslahaty geçirildi. Çäre Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyny bellemegiň we Türkmenistanda 2015-nji ýylyň Bitaraplyk we Parahatçylyk ýyly diýlip yglan edilmeginiň çäklerinde geçirildi. Çäräniň guramaçylary bolup Şensi welaýatynyň Halk Hökümeti, Sian şäheriniň hökümeti we Türkmenistanyň HHR-ki Ilçihanasy çykyş etdiler. Bilelikdäki forumyň işine Şensi welaýatynyň we Sian şäheriniň hökümetiniň ýokary wezipeli döwlet işgärleri, öňdebaryjy kompaniýalaryň wekilleri we ýolbaşçylary gatnaşdy. Türkmen tarapyna çärede Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler Birleşmesiniň wekilleri we Sian şäheriniň ýokary okuw jaýlarynda okaýan türkmen talyplary gatnaşdylar. Forumyň gün tertibinde Türkmenistanyň hem-de Hytaýyň maýa goýum gorlary barada tanyşdyrylyş, söwda ulgamyndaky öňden görüjilikli gatnaşyklar ugrunda pikir alyşyldy şeýle hem türkmen-hytaý döwlet we işewürlik ulgamyndaky wekilleriniň arasynda tejribe alyşyldy.

Forumyň çäklerinde taraplar Türkmenistanyň hem-de Hytaýyň arasyndaky söwda gatnaşyklar boýunça meseleleri boýunça pikirleri alyşdylar we Türkmenistanyň hem-de Hytaýyň Baştutanlary tarapyndan söwda ulgamynda özara bähbitli sebit we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça möhüm başlangyçlaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam bermek babatda biragyzdan belläp geçdiler. Taraplar Sian işewürler maslahatynyň Türkmenistanyň we Hytaýyň Beýik Ýüpek ýoluny hil taýdan täze derejede dikeltmek boýunça tagallalaryna ýokary baha berdiler. Şeýle-de Sian we Mary şäherleriniň hem-de Şensi we Ahal welaýatynyň doganlyk gatnaşykla-

ryny berkitmeklige we ösdürilmegine esasy üns berildi. Forumyň barşynda oňa gatnaşyjylara Türkmenistanda daşary ýurtly maýa goýum goýujylar üçin ediljek mümkinçilikler we ýeňillikler barada doly maglumatlar berildi. Forumyň soňundaky ara alnyp maslahatlaşmalaryň üsti bilen ykdysadiýetiň esasy ösen pudaklary barada dogry baha bermäge mümkinçilik döredi we iki ýurduň işewürleriniň arasynda göni aragatnaşyk etmek üçin belli meselelere seredildi, şeýle hem bilelikdäki iri maýa goýum taslamalarynyň pudaklaýyn we sebitara derejesinde söwda hyzmatdaşlygyny giňeltmek ugrundaky meseleleri durmuşa geçirmäge bolan mümkinçiliklere seredildi .

**21-nji maýda** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Mary welaýaty boýunça wekilhanasynyň, Mary welaýat häkimliginiň we Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň bilelikde guramaklarynda, “Hemişelik Bitaraplyk-parahatçylygyň we hoşniýetli hyzmatdaşlygyň daýanjydyr” atly ylmy-amaly maslahaty geçirildi. Maslahata Mary welaýat we şäher häkimlikleriniň wekilleri, Türkmen Döwlet energetika institutynyň ýolbaşçylary, mugallymlary we talyplary, şeýle hem welaýatyň jemgyýetçilik guramalarynyň, baş bilim müdirliginiň, saglygy goraýyş we medeniýet müdirlikleriniň wekilleri hem-de welaýatyň hormatly il sylar ýaşulylary we ak gyňaçly eneler gatnaşdylar. Şeýle hem, bu maslahata Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň ýurduň demirgazyk-gündogaryndaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy Arbabkhales Gholamabbas, Eýran Yslam Respublikasynyň Marydaky Baş konsullugynyň Baş konsuly Hossan Hosseini Moghaddam, Owganystan Yslam Respublikasynyň Marydaky Baş konsullugynyň Baş konsuly Rahim Mir Saýrahman hem-de eýranly we owganly türkmen diasporalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Maslahatyň myhmanlary Hormatly Prezidentimiziň kitaplarynyň, ensiklopediýalarynyň, aýdan pikirleriniň ýygyndylarynyň sergisine we şekillendiriş sungaty bilen gyzyklanýan çagalaryň çeken suratlarynyň hem-de Türkmenistanyň gadymy taryhyny we ýurdumyzyň täze taryhy eýýamynda gazanýan üstünliklerini görkezýän sergilere gatnaşmaga mümkinçilik aldylar.

**22-nji maýd**a Belarus Respublikasynyň Ýanka Kupala adyndaky Grodno döwlet uniwersitetinde okaýan türkmenistanly talyplar türkmen Bitaraplygynyň 20-ýyllygyna we 2015 ýylyň “Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly” diýlip yglan edilmegine bagyşlap ýörite çäre geçirdiler.

Türkmenistanyň Belarus Respublikasyndaky Ilçihanasynyň we Grodno uniwersitetiniň gurnamagynda we ýerli häkimiýetleriň ýardam bermeginde, uniwersitetde Türkmen Bitaraplygynyň syýasy we jemgyýetçilik taraplaryna bagyşlanyp seminar geçirildi. Seminarda çykyş eden professorlar, mugallymlar, türkmen we belarus talyplary häzirki zaman Türkmenistanyň batly gadamlar bilen ösmegine, ýurduň ykdysady taýdan kuwwatly döwlet bolmagyna hem-de bütin dünýäde syýasy abraý gazanmagyna Bitaraplyk syýasatynyň aýgytlaýjy ähmiýetini bellediler. Şol gün agşam uniwersitetiň aktlar zalynda talyplaryň döredijiligine bagyşlanan çäre geçirildi. Türkmen we belarus dillerinde goşgulardyr aýdymlar ýaňlandy, özüne çekiji halk tanslary bolsa konserte gatnaşýanlaryň hemmesini orta çykmaga maýyl etdi.

**23-nji maýda** Ilçihananyň başlangyjy bilen Özbegistan Respublikasynyň Türkmen medeniýet merkeziniň Buhara bölüminiň guramagynda 2015-nji ýylyň “Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly” diýlip yglan edilmegi hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 20 ýyllygy mynasybetli geçirilýän çäreleriň çäklerinde Buhara inzenerçilik-tehnologiýa institutynda ylmy maslahat geçirildi.

Maslahatyň işine Buhara welaýat häkimliginiň wekilleri, Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Ilçisi, Buhara inzenerçilik-tehnologiýa institutynyň ýolbaşçylary we mugallymlary, Buhara şäherinde ýaşaýan türkmen diasporasynyň wekilleri we Buhara şäherinde bilim alýan türkmenistanly talyplar gatnaşdylar. Çykyşlaryň dowamynda Bitarap Türkmenistanda bu gün hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýöredilýän hoşniýetli goňşuçylyk, açyklyk, özara hormat goýmak we hoşniýetli erk-isleg syýasatynyň sebitleýin we global hyzmatdaşlyga ýetirýän oňyn täsiri hem-de onuň halklaryň arasyndaky ynanyşmak we düşünişmek ýagdaýyny kemala getirmäge hem-de howpsuzlygy pugtalandyrmaga berýän ýardamy barada bellenildi. Maslahat tamamlanandan son çärä gatnaşyjylar Buhara şäheriniň taryhy ýadygärliklerine baryp gördiler.

**27-nji maýda** Türkmenistanyň Beýik Britaniýadaky Ilçihanasynyň binasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň XX ýyllygy we “Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly” mynasybetli Beýik Britaniýanyň “University of Cambridge” ýokary okuw mekdebiniň “Cambridge Central Asia Forum” bilen bilelikde “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy: durnuklylyk we parahatçylyk syýasaty” atly seminar geçirildi. Çärä Beýik Britaniýanyň Daşary işler ministrliginiň wekili, Beýik Britaniýadaky diplomatik korpusynyň diplomatlary, Beýik Britaniýanyň “University of Stirling” ýokary okuw mekdebiniň “London Academy of Diplomacy” bölüminiň directory, professor Jozef Mifsud (Joseph Mis-



fud), “University of Cambridge”, “University of Oxford”, “South Bank London University”, “Brunei University London”, “Birkbeck University”, “Trinity College”, “London School of Commerce” ýokary okuw mekdepleriniň alymlary, ylmy işgärleri we talyplary, Halkara deňiz guramasynyň (HDG), Ýewropanyň täzeleýiş we ösüş bankynyň (ÝTÖB), “Summit Trade Events”, “Windsor Education”, “TVET UK”, “British Expertise”, “Worley Parsons”, “Statoil”, “Eurasia Partners”, “Eurasian Dynamics LTD” kompaniýalarynyň ýokary derejeli wekilleri hem-de Beýik Britaniýanyň “First“ atly žurnalynyň ýörite habarçysy Wakas Ahmed (Waqas Ahmed), türkmen diasporasynyň wekilleri we bolýan ýurdumyzda bilim alýan talyp ýaşlarymyz gatnaşdylar.

Seminarda Ilçi Ý.Serýäýew, Beýik Britaniýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistan boýunça öňki söwda wekili we häzirki wagtda “Eurasia Partners” kompaniýasynyň başlygy, professor Çarlz Hendri (Charles Hendry), Beýik Britaniýanyň “University of Cambridge” ýokary okuw mekdebiniň “Cambridge Central Asia Forum” merkeziniň uly ylmy işgari doktor Şirin Akiner (Shirin Akiner), Beýik Britaniýanyň “Loughborough University” ýokary okuw mekdebiniň Diplomatik Akademiýasynyň we Halkara gatnaşyklar bölüminiň direktory professor Nabil Aýad (Nabil Ayad), Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk binýady, onuň özboluşlylygy we aýratynlyklary, Merkezi Aziýa sebitinde we dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde Türkmenistanyň goşandy barada çykyş etdiler.

**2-nji iýunda** Türkmenistanyň Ýaponiýadaky Ilçihanasy tarapyndan we Ýaponiýanyň öňde baryjy Tokio Uniwersitetiniň ýardam bermeginde, şol Uniwersitetde Türkmenistanyň Ýaponiýadaky Ilçisi G.Elýasowyň “Turkmenistan Garaşsyz, baky Bitarap Döwletdir” atly çykyşy hem-de medeni çäre geçirildi. Bu ýerde Uniwersitetiň ýolbaşçylary we professorlary bilen Ilçi G.Elýasowyň bilim ulgamyna degişli ikitaraplaýyn duşuşyklary we gepleşikleri geçirildi. Ondan soň bu Uniwersitetiň “Komaba” muzeýi bilen giňişleýin tanşyldy. Soňra Türkmenistanyň Ilçihanasy tarapyndan gurnalan sergi bilen tanyşlyk boldy. Bu sergide, türkmen bedewleriniň, milli taryhymyzyň, Aşgabat şäheriniň, sport we syýahatçylyk baradaky fotosuratlar, nepis haly önümleri, türkmeniň milli şaý-sepleri hem-de Turkmenistan baradaky kitaplar we wideorolikler görkezildi. Sergä gatnaşan myhmanlara türkmeniň milli tagamlary hödürlendi. Bu çärede Tokio uniwersitetiniň ýolbaşçylary, professorlary we talyplary Türkmenistanyň Bitaraplygy barada çykyş etdiler. Maslahatyň soňunda Tokio Uniwersitetiniň talyplarynyň ýerine ýetirmeginde türkmen tansy görkezildi.

**6-njy iýunda** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» A/RES/69/285 kararnamasyna bagyşlanan “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy: Halkara hyzmatdaşlygynyň täze sepgitleri” atly maslahaty geçirildi. Maslahatyň işine gatnaşmak üçin ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleri, daşary ýurtlaryň biziň ýurdumyzda işleýän diplomatik missiýalarynyň we halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, daşary ýurtly žurnalistler, milli habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem-de ýurduň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary we talyplary çagyryldy.



Maslahatda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýene bir gezek Türkmenistanyň yglan eden hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny goldaýandygyny ýene-de bir gezek tassyklandygy we BMG-niň agza-döwletlerini Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, döwletimiziň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bütewiligine hormat goýmaga çagyrýandygy aýratyn bellendi. Şeýle hem, bu kararnamada Baş Assambleýanyň Türkmenistanyň Hökümetiniň 2015-nji ýyly Bitaraplyk we Parahatçylyk ýyly diýlip yglan etmegini hem-de 2015-nji ýylyň dekabr aýynda “Bitaraplyk syýasaty: Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna halkara hyzmatdaşlygy” atly halkara maslahatyny geçirmekligi doly makullaýandygyna üns çekildi. Maslahatyň dowamynda BMG-niň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysy, BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili J.Barrins çykyş etdi. Ol öz çykyşynda Türkmenistanyň ýokary okuw jaýlarynyň talyplara ýüzlenip, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ýurduň, sebitiň we dünýäniň ähli halklary bilen parahatçylykly, dostlukly we özarabähbitli gatnaşyklaryny ösdürmekde işjeň we oňyn nyşandygyny belledi. Şeýle hem, talyplar ýurduň geljegi bolmak bilen döwlet Baştutanymyzyň sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde öňe sürýän başlangyçlaryny durmuşa geçirmegi dowam etmelidiklerine ünsi çekdi. BMG-niň Çagalar Gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy O.Dendewnorow öz çykyşynda Türkmenistanyň Bitaraplyk we durnukly ösüş syýasatynyň esasynda çagalaryň bagtyýarlygynyň üpjün edilmeginiň ýatandygyny we çaganyň fiziki we aň taýdan ösüşi üçin ähli şertleri saklaýandygyny belledi. Maslahaty ahyrynda gatnaşyjytlar Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Ýüzlenmede maslahata gatnaşyjylar, Türkmenistanyň Prezidentine onuň ösüş, durnuklylyk we ynsanper-

wer ýörelgelerini durmuşa geçirmek esasynda adamzadyň hatyrasyna parahatçylygy üpjün etmekde ýadawsyz tagallalary, şeýle hem Türkmenistanyň abadançylygy we ösüşi üçin edýän köpugurly işlerinde täze üstünlikleri arzuw etdiler.

**19-njy iýunda** Türkmenistanyň Belarus Respublikasyndaky Ilçihanasy Minskiň traktor zawodynyň ýolbaşçylary bilen bilelikde Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna we 2015-nji ýylyň "Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly" diýilip yglan edilmegine bagyşlanan maslahaty geçirdiler.

Maslahatyň işine zawodyň wekilleri we Minskiň traktor zawodynda önümçilik tejribesini geçýän S.Niýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň (Aşgabat ş.) we Türkmen oba hojalyk institutynyň (Daşoguz ş.) talyplary gatnaşdylar.

Maslahatyň dowamynda Türkmenistan üçin bitaraplyk derejesiniň uly ähmiýeti bellenildi, gatnaşyjylar bitaraplygyň döwletiň syýasatyndaky işjeň ornuny ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanyň oba hojalyk ýokary okuw mekdepleriniň talyplary Minskiň traktor zawodynda ýylda netijeli tejribeligini geçýändiklerini bellemek gerek. Tejribeligiň dowamynda geljekgi hünärmenler ulag gurluşynyň esaslary, belarus önümçiliginiň oba hojalyk ulaglarynyň aýratynlyklary bilen tanyşýarlar.

**22-nji iýunda** Hytaý Halk Respublikasynyň paýtagty Pekinde Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna hem-de türkmen-hytaý strategiki hyzmatdaşlygyna bagyşlanan "Türkmenistan-Hytaý: Beýik Ýüpek ýoly – dostlugyň we özara hyzmatdaşlygyň ýoly" atly ylmy maslahat geçirildi.

Bu çäre hytaý tarapynyň başlangyjy boýunça geçirildi we Türkmenistanyň HHR-ki Ilçihanasynyň ýardam bermeginde Hytaýyň Merkezi milletler uniwersiteti hem-de Milletleriň bilimini ösdürmek boýunça Pekin Assosiasiýasy onuň esasy guramaçylary bolup çykyş etdiler.

Bu wekilçilikli foruma HHR-iň DIM-niň jogapkär hünärmenleri, Hytaýyň paýtagtynyň döwlet ylmy-barlag edaralarynyň we işewürler-toparlarynyň wekilleri, Hytaýyň daşary ýurtlar bilen dostluk jemgyýetiniň wekilleri, Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan türkmen talyplary, Türkmenistandan baran wekiliýet agzalary hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Özüniň maslahata gatnaşyjylara gutlag sözünde Türkmenistanyň Ilçisi Ç.Rustemowa türkmen-hytaý dostlukly gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda, iki ýurduň halkara hereketlerinde Türkmenistanyň bitaraplyk derejesiniň ähmiýeti hakynda gürrüň berdi.

Hytaýyň Merkezi milletler uniwersitetiniň professory jenap Hu Ženhuanyň, HHR-iň Gyrgyzystandaky we Özbegistandaky öňki Ilçisi jenap Çžan Çžiminiň, Hytaýyň Merkezi milletler uniwersitetiniň professory, bu ýokary okuw mekdebinde türkmen dili boýunça kursuň esaslandyryjysy we ýolbaşçysy hanym Minewer Habibullanyň, HHR-iň Türkmenistandaky öňki Ilçisi jenap In Sunliniň, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň ösüş ylmy merkeziniň ýanyndaky Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň sosial ösüş institutynyň sekretariatynyň başlygynyň orunbasary hanym Ýan Sýahunyň, Milletleriň bilimini ösdürmek boýunça Pekin Assosiasiýasynyň başly-



gy jenap Çen Hunyň çykyşlary maslahata gatnaşyjylarda uly gyzyklanma we täsirlenme döretdi.

Geçirilen ara alyp maslahatlaşmalaryň barşynda ykdysadyýet we söwda ulgamynda özara hereket etmegiň netijeli guralyny işläp düzmegiň mümkingadar ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy we bu ýerde şeýle-de medeni-gumanitar ugurda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça anyk teklipler hem orta atyldy.

Ylmy maslahatyň çäklerinde kitap sergisi hem guraldy we onda Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy işleri we Türkmenistan, onuň gadymy taryhy we medeniýeti, biziň ýurdumyzyň häzirki zaman gazananlary hakynda gürrüň berýän köp sanly neşirler görkezildi.

**24-nji iýunda** Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň Dolandyryşynyň ýanyndaky Akademiýada Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy hem-de 2015-nji ýylyň “Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly” diýlip yglan edilmegi mynasybetli ylmy maslahat geçirildi. Maslahat Türkmenistanyň Belarus Respublikasyndaky Ilçihanasynyň hem-de Akademiýanyň administrasiýasynyň ýardam bermeginde guraldy.

Çärä Akademiýanyň mugallymlary we professorlary, türkmen we belarus talyplary, şeýle-de Minskiniň traktor zawodynda önümçilik tejribeligini geçýän Türkmenistandan baran talyplar, Türkmenistanyň Belarus Respublikasyndaky Ilçihanasynyň hünärmenleri gatnaşdylar.

Maslahatyň barşynda Türkmenistanyň hemişelik we oňyn Bitaraplygynyň halkara gatnaşyklarynda düýbünde täze ýüze çykma bolup durýandygy we taryh üçin gysga wagtyň içinde bu ulgamdaky bilermenleriň alyp barýan işleriniň esasyna öwrülendigi bellenilip geçildi.

Şeýle-de çärä gatnaşyjylar Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ga-




raşsyz Döwletleriň Arkalaşyklary we birnäçe beýleki abraýly sebit we halkara guramalarynyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak bilen bu günke Bitarap Türkmenistanyň döwletara, şonuň ýaly-da sebit we global derejelerinde önjeýli gatnaşyklary sazlaşykly ösdürýändigini belläp geçdiler.

**25-nji iýunda** Sinhaý welaýatynyň işewürleriniň we döwlet gurluşlarynyň 100-den gowrak wekillerini hem-de Türkmenistanyň telekeçilerini özünde jemlän Sinhaý welaýatynyň Sinin şäherinde Türkmenistanyň bitaraplygynyň 20 ýyllygyna bagyşlanan türkmen-hytaý söwda-ykdysady Forumy geçirildi.

Forumy gurnaýjylar bolup Sinhaý welaýatynyň Halk hökümeti we Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Ilçihanasy çykyş etdi. Çäre bu welaýatda ýylda geçirilýän tibet halylarynyň halkara sergisiniň çäginde geçirildi.

Forumyň açylyşyna Sinhaý welaýatynyň wise-gubernatorlary, Sinhaý welaýatynyň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň telekeçileri we bu welaýatynyň ýokary okuw jaýlarynda okaýan türkmen talyplary gatnaşdylar.

Bu forum esasy tematikasy Hytaýyň we Türkmenistanyň sebitleriniň işewür hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň ýagdaýlaryny we mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmakdan ybarat boldy. Foruma gatnaşyjylarynyň aglabasy Türkmenistanyň we Sinhaý welaýatynyň gyzyklanma bildirýän işewürler gurluşlarynyň, kärhanalarynyň we kompaniýalarynyň, şol sanda kiçi we orta telekeçiligiň arasynda göni gatnaşyklaryny ýola goýmak maksady bilen şeýle forumlary we duşuşyklary, bilelikdäki işewür gepleşikleri geçirmegiň zerurlygy bardaky pikirleri türkmen-hytaý forumynyň wajyp netijesi boldy.

Forum tamamlanandan soňra oňa gatnaşyjylar tibet halylarynyň halkara sergisinde ajaýyp klassiki ýüň we ýüpek türkmen halylary görkezilen Türkmenistanyň milli pawilýonyna baryp gördüler.



**26-njy iýunda** Türkmenistanyň Ermenistan Respublikasyndaky Ilçihanasy Ýerewan Döwlet uniwersiteti bilen bilelikde “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň hukuk derejesi – durnukly ösüşiň we işjeň halkara hyzmatdaşlygynyň binýady” ady bilen Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygy mynasybetli halkara ylmy maslahatyny geçirdi.

Maslahatyň işine Ermenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýolbaşçylary we Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň wekilleri, Ermenistanda akkreditirlenen diplomatik missiýalaryň we halkara guramalarynyň ýolbaşçylary, şeýle-de ýurduň ylmy intelligensiýasynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri we talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Maslahatda Ermenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň DIM-niň wekiliýet agzalary, Hytaýyň, Belarusyň, Şweýsariýanyň, Hindistanyň we Gazagystanyň Ilçileri özleriniň ylmy çykyşlary bilen çykyş etdiler.

Çykyşlarda soňky 20 ýylyň dowamynda Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny durmuşa geçirmegiň esasy tapgyrlary, şeýle hem ýurduň dürli döwletler bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň barşy hakynda gürrüň edildi. Umuman, Türkmen döwletiniň parahatçylyk söýüji hemişelik bitarap daşary syýasatynyň esasy ugrunyň halklaryň arasynda özarabähbitli gatnaşyklary ösdürmeklige hem-de diňe bir sebitde däl, eýsem tutuş dünýä ýüzünde ösüşiň gazanylmagyna gönükdirilendigi bellenilip geçildi.

Bu maslahatyň çäklerinde Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesiniň 20 ýyllygy mynasybetli fotosergi guraldy. Maslahatyň myhmanlary we gatnaşyjylary Aşgabadyň gözel ýerleri, Türkmenistanyň taryhy ýadygärlikleri, ýurduň garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde gazanan beýik ösüşleri bilen ajaýyp fotosuratlar arkaly tanyşmaga mümkinçilik aldylar.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

# NEW DEVELOPMENT STAGE OF AZERBAIJAN-TURKMENISTAN RELATIONS: EXEMPLARY COOPERATION AND CONTINUES DEVELOPMENT



**Farhad MAMMADOV,**
Director of the Center for Strategic Studies under the President of the Republic of Azerbaijan

Azerbaijani and Turkmen nations are united with shared ethnic roots, language, religion and culture and have had historical friendship and traditions of cooperation. Like Azerbaijanis, Turkmens belong to Oguz branch of Turkic language and are the closest nation to Azerbaijan in Central Asia in the sense of similarity of languages. After restoration of independence in 1991, based on historical and ethno-cultural background, as well as commonnes of national interests, two brotherly countries established comprehensive cooperation and strong friendship. With constant efforts and ceaseless commitment by the leaders of the two nations, President Ilham Aliyev and President Gurbanguly Berdimuhamedov, an exemplary cooperation has been established and continuous development of relations has been achieved between the two countries in the very complex region like the Caspian basin. Currently cooperation and partnership experiences successful development in various fields of bilateral relations such as politics, economics as well as cultural and humanitarian affairs.

**Development of political relations between Azerbaijan and Turkmenistan**

Diplomatic relations between the two states was established in June 9, 1992. Turkmenistan opened its embassy in Baku in June of 1999. October 2002 was marked with the opening of Azerbaijani embassy in Ashgabat. In the past period, more than 40 bilateral agreements have been concluded concerning the cooperation in the political, economic, cultural and humanitarian fields.

Restoration of independence played key role in development of relations between the two nations. Commonnational leader of Azerbaijan, Haydar Aliyev visited Turkmenistan and

**Farhad MAMMADOV,** is the one of the 6 co-founders of "IRELI" union in 2005. In 2007 started to work as the advisor at the Ministry of Youth and Tourism. Worked as the chief advisor of Political analysis and information department at the administration of President of Azerbaijan in 2008. Assigned as the as the Head of the analytical and predictive sector on June 1, 2011.



met with the first President of Turkmenistan four times during his presidency (1993-2003) within the framework of bilateral and multilateral relations. Election of Gurbanguly Berdimuhamedov as a President of Turkmenistan in 2007 further fostered the deepening of bilateral ties. Mutual visits of the heads of the states, heads of governments, ministers of foreign affairs and other high ranking official of the two countries have become frequent since then. The exceptional role of the heads of the both states - Ilham Aliyev and Gurbanguly Berdimuhamedov in development of friednship and mutually benefitial cooperation should particularly mentioned for this period.

President Gurbanguly Berdimuhamedov paid an official visit to Azerbaijan and met with the President Ilham Aliyev on the 19th of May 2008. Leaders of the two nations discussed development perspectives of relations between the brotherly countries at their meeting and the visit played an important role in development of bilateral relations and strengthening friendship between the countries. After the talks between the presidents, various cooperation agreements were signed between the two states' finance, foreign affairs and transportations ministries. Both presidents made a joint statement where they stressed the importance of development of cooperation in the Caspian and this cooperation's impact on comprehensive solution of the status of the Sea, as well as touched upon the significance of turning cooperation in the energy field to the strategic direction of mutual partnership.

President Ilham Aliyev paid an official visit to Turkmenistan on November 28, 2008. During his one-to-one meeting with President Gurbanguly Berdimuhamedov and in the meeting with the participation of the governmental delegations of the both countries presidents highlighted their commitment to the development of bilateral relations. President Berdimuhamedov noted the vast potential for developing cooperation in various fields, President Aliyev underlined the importance of development of Azerbaijan-Turkmenistan relation not only for these two countries but also for the whole Caspian, Central Asian and the Caucasus regions. During the course of

the visit, various partnership agreements were signed including agreements on ferry transportation between Baku and Turkmenbashi seaports, exploitation of train carriers and containers, establishment of Azerbaijan-Turkmenistan Intergovernmental Commission on Economic and Humanitarian Cooperation and etc.

The first trilateral meeting of the presidents of Azerbaijan, Turkey and Turkmenistan also took place in Turkmenbashi within the framework of this visit. With the meeting where the presidents discussed the perspectives of trilateral partnership and its possible contributions to the development of the national economies were discussed, the three countries launched the trilateral cooperation format which is successfully continued nowadays.

President Gurbanguly Berdimuhamedov again visited Baku in November of 2010 to attend the 3rd Summit of the Heads of States of the Caspian Littoral States. In June, 2014, while visiting Bodrum city of Turkey to take part in the 4th Summit of the Cooperation Council of Turkic-Speaking Countries (Turkic Council), President Berdimuhamedov met with President Aliyev. It is particularly worthy of mentioning that, while Turkmenistan is not an official member of the Turkic Council due to its permanent neutrality status, President Berdimuhamedov's participation at the Summit demonstrates the importance given by Turkmenistan to cooperation with other Turkic speaking nations. The next day, the second trilateral meeting of Azerbaijani, Turkmen and Turkish presidents was held with the participation of Ilham Aliyev, Gurbanguly Berdimuhamedov and Abdullah Gul. It should also be mentioned that trilateral talks have also been held in the format of the meeting of foreign ministers. On May 25-26, 2014, the first trilateral meeting of the the ministers of foreign affairs of Azerbaijan, Turkmenistan and Turkey took place in Baku. The second trilateral meeting of the foreign ministers was held on January 29, 2015 in Ashgabat where the ministers agreed on organizing the new trilateral meeting of the presidents.

In general, trilateral format of cooperation has been one of the major tendencies of Azerbaijan foreign relations in recent years. Thus, along with Azerbaijan-Turkmenistan-Turkey format, Azerbaijan-Georgia-Turkey and Azerbaijan-Iran-Turkey cooperation platforms are currently being developed. For our countries, who are the initiators and executors of the globally and regionally important energy projects, such formats are of utmost important. The mentioned energy projects cannot be realized alone by a single country due to the geographical extent, and therefore cooperation of more states are need for their success. From this perspective, trilateral cooperation, along with serving to strengthening the cooperation among our nations, will have significant contribution for the realization of grand projects, and at the expense of those projects, will contribute to the increasing of the political influence of our countries and welfare of our nations.

**Economic cooperation between Azerbaijan and Turkmenistan**

Azerbaijan-Turkmenistan Intergovernmental Commission on Economic and Humanitarian Cooperation was established in order to facilitate the development of economic cooperation between the two countries. The commission held its first meeting in Ashgabat on January 17, 2008 where cooperation issues in the wide range of fields such as transportation, communication, oil and gas, environment and humanitarian affairs was discussed. The last - fourth meeting of the commission was held in Baku in 2014 and it was agreed to hold the fifth meeting in Ashgabat in 2015.

Turkmenistan is regarded as an important trade partner of Azerbaijan in the Caspian region, though due to having the same product - hydrocarbons as a major export product, bilateral trade holds minor place in the overall foreign trade turnover of the both countries. According to the number provided by the State Statistical Committee of Azerbaijan, the two countries' annual trade turn-over in 2012 and 2013 stood at respectively 92 million USD (export 59 mln. USD, import 33 mln. USD) and 88 million USD (export 40 mln. USD, import 48 mln. USD). In 2014 annual foreign trade turnover volume of Azerbaijan with Turkmenistan was accounted 51 mln. USD, including the volume of export 38 mln. USD and the volume of import 13 mln. USD.

Export of Turkmen oil via Baku-Tbilisi-Ceyhan (BTC) oil pipeline of Azerbaijan holds a prominent position in Azerbaijan-Turkmenistan economic cooperation. In 2011 and in 2012, respectively 2.2 and 3 mln tonnes of Turkmen oil was exported via BTC. In 2013, the volume of Turkmen oil exported to the World market via BTC reached 3.3 mln. tonnes. It means that the idea to develop cooperation in oil and gas sectors of economy which was mentioned in the very first meeting of Presidents Ilham Aliyev and Gurbanguly Berdimuhamedov is being successfully realized. Turkmenistan's joining to the Southern Gas Corridor to Europe which was initiated and is being realized by Azerbaijan is also possible.

Another strategic field of bilateral cooperation is international transportation. Turkmenbashi International Seaport of Turkmenistan has significant importance for Azerbaijan and acts as one of the major gateways for Azerbaijani exports to Central Asia. Baku-Turkmenbashi ferry route connects Azerbaijan railways to the Turkmenistani railways, and further to Central Asian and Chinese rail networks. This route is used for international cargo transportation along the TRACECA route. As it was particularly stressed in the last meeting of the intergovernmental commission, both sides are working on increasing transportation volumes between Baku and Turkmenbashi ports. It should also be mentioned that Baku and Turkmenbashi ports were declared as brother ports at the 4th Summit of the Cooperation Council of Turkic Speaking Countries. Moreover, it is agreed to create Afghanistan-Turkmenistan-Azerbaijan-Georgia-Turkey transportation corridor at the various meetings held among the officials of the mentioned countries.

Cooperation in the field of humanitarian affairs and education is also being successfully developed. Currently more than 250 citizens of Turkmenistan are having education in Azerbaijan and their number is expected to rise significantly in near future. Efforts are also being made to foster joint research on oil and gas technologies, to organize joint conferences, trainings and seminars and to involve Azerbaijani and Turkmen oil and gas companies to realization of new project in both countries.

Cooperation between Azerbaijan and Turkmenistan and friendship between the nations of the two countries which is based on shared historical- ethnic roots and common interest is experiencing significant development. There is huge potential to advance this cooperation and friendship to new levels which will serve to strengthening of both states and increasing the nations' welfare. Special attention and care given to these cooperation and friendship by the visionary leaders of the both nations, President Ilham Aliyev and President Gurbanguly Berdimuhamedov makes us sure that this potential will be fully utilized.

# НЕЙТРАЛИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА: СОТРУДНИЧЕСТВО ВО ИМЯ МИРА, БЕЗОПАСНОСТИ И В ИНТЕРЕСАХ ВСЕГО ЧЕЛОВЕЧЕСТВА



***Владимир ГОРЯЕВ,***
Организация Объединенных Наций

[1]Почти 20 лет прошло со знаменательной даты - 12 декабря 1995 года, когда Генеральная Ассамблея ООН приняла Резолюцию А/50/80 «Постоянный нейтралитет Туркменистана», предусматривающую, наряду с признанием Туркменистана государствами-членами ООН в качестве постоянно нейтрального государства, их поддержку этого международного правового статуса страны, ее независимости, суверенитета и территориальной целостности. Обретение молодым, независимым государством статуса постоянного нейтралитета стало, пожалуй, вторым по значимости событием в новейшей истории туркменского народа после обретения независимости. Руководство Туркменистана, лично Президент Гурбангулы Бердымухамедов демонстрируют твердую приверженность духу и букве принятых на себя обязательств, вытекающих из статуса постоянного нейтралитета страны, последовательно превращая его в фактор стабильности и сотрудничества в регионе.

Принятие Резолюции А/50/80 явилось воплощением национальной традиции, уклада жизни и многовекового опыта туркмен, а также признанием сообществом наций миролюбивого внешнеполитического курса Туркменистана и его конструктивной роли в международных делах. На протяжении многих веков Туркменистан являлся оживленным перекрестком великого Шелкового Пути из Китая в Европу, который почти полтора тысячелетия способствовал сотрудничеству, миру и диалогу культур разных народов. Всё это способствовало созданию на земле туркмен особой атмосферы открытости, доброжелательности, уважения к культуре и религиям других народов. Поэтому нейтралитет стал для Туркменистана естественным и логичным продолжением исторической нити и принципиальным выбором модели взаимоотношений с международными партнерами.

Вместе с тем, признание международным сообществом статуса постоянного ней-

**Владимир ГОРЯЕВ,** до ноября 2007 года являлся директором отдела Азии и Тихого океана Департамента по политическом вопросам секретариата ООН в Нью-Йорке. С ноября 2007 года по настоящее время являлся Исполнительным Директором Секретариата Реестра ущерба, причиненного в результате строительства Израилем стены на оккупированной Палестинской территории.



трилитета за Туркменистаном и его закрепление в специальной Резолюции Генеральной Ассамблеи ООН явилось беспрецедентным решением международного сообщества. Два других государства, имеющих статус постоянного нейтралитета, Швейцария и Австрия, получили его международное признание в совершенно иной форме. Постоянный нейтралитет Швейцарии формировался в течение почти двух веков, постепенно вкореняясь в сознание и практику международных отношений. Постоянный нейтралитет Австрии был закреплен Государственным Договором 1955 года и стал одним из итогов Второй Мировой войны. В этой связи процесс политико- дипломатического оформления постоянного нейтралитета Туркменистана был сложным и деликатным. Необходимо было убедить международное сообщество в том, что этот статус будет служить во благо не только народа Туркменистана, но и всего человечества. Молодое государство, его дипломатическая служба достойно справились с этой сложнейшей задачей. Стремление Туркменистана было поддержано соседями по региону, Движением Неприсоединения, Организацией Экономического Сотрудничества. Все они сделали правильный политический выбор - постоянный нейтралитет Туркменистана является живой политической реальностью, служащей интересам туркменского народа и всего международного сообщества.

Стратегический выбор Туркменистана следовать курсом постоянного нейтралитета был прагматичным и взвешенным шагом. Молодое и относительно небольшое независимое государство с населением немногим более 4,5 миллиона человек обладает огромными запасами углеводорода, прежде всего газа. Страна, находящаяся на сложном геополитическом перекрестке, легко могла бы стать ареной жесткого соперничества между крупными государствами за право эксклюзивного доступа к ее природным ресурсам, а учитывая цепь конфликтов в регионе, она легко могла бы оказаться втянутой в круговорот нестабильности и даже конфликтов. Статус постоянного нейтралитета был избран Туркменистаном в качестве международно-правового инструмента, гарантирующего национальную безопасность,

суверенитет и территориальную целостность. Он никому не угрожает, не ущемляет ничьих интересов - напротив, является фактором стабильности, взаимовыгодного сотрудничества и укрепления безопасности в регионе Центральной Азии и за его пределами.

Постоянный нейтралитет - не почетное звание, а серьезные обязательства, принятые на себя страной, следовать политике неприсоединения к военным блокам, неразмещения на своей территории военных баз других государств, непредоставление территории или воздушного пространства для транзита военного характера иностранными государствами. Взятые Туркменистаном на себя обязательства, вытекающие из статуса постоянного нейтралитета, предполагают также активную внешнеполитическую линию, направленную на развитие международного партнерства, основанного на принципах равенства, взаимоуважения и нормах международного права. Поэтому укрепление мира и безопасности, предотвращение и урегулирование конфликтов также выступают в качестве приоритетных задач внешней политики нейтрального Туркменистана. С первых дней обретения страной этого статуса, ею был взят курс на подтверждение конкретными инициативами и делами твердой приверженности взятым на себя обязательствам.

Исторический выбор постоянного нейтралитета не стал шагом к самоизоляции, как поговаривали скептики двадцать лет назад. Напротив, он стал мощным стимулом стремления к активному сотрудничеству и плодотворному вкладу в укрепление мира, урегулирование и предотвращение конфликтов. В этом контексте всестороннее сотрудничество с ООН является стратегическим компонентом внешнеполитического курса нейтрального Туркменистана.

Туркменистан сыграл важнейшую роль в урегулировании межтаджикского конфликта. С ноября 1995 года по июнь 1996 года в Ашгабате состоялость три раунда межтаджикских переговоров, проходивших под эгидой ООН. Делегациям противоборствующих сторон были созданы прекрасные условия для проведения многомесячного переговорного марафона. В его ходе были глубоко проработаны все проблемные вопросы, что позволило согласовать соответствующие протоколы и завершить переговорный процесс через несколько месяцев. Руководство Туркменистана занимало взвешанную, доброжелательную и подлинно нейтральную позицию в отношении таджикских сторон, что способствовало укреплению доверия между ними и нахождению развязок по самым сложным вопросам. Способствуя урегулированию гражданского конфликта в Таджикистане, оказывая ему гуманитарную помощь, руководство Туркменистана приняло также беспрецедентное решение в контексте подобных ситуаций - предоставило гражданство более 40 тысячам таджикских беженцев, которые нашли свою безопасность и кров на туркменской земле. Это решение было высоко оценено Управлением Верховного Комиссара ООН по делам беженцев.

Будучи глубоко заинтересованным в укреплении мира и безопасности в регионе, нейтральный Туркменистан предпринимал и предпринимает последовательные усилия, направленные на стабилизацию ситуации в соседнем Афганистане. Еще в далеком 1996 году руководство страны выступило с инициативой организации прямых политических контактов в Ашгабате между враждующими афганскими сторонами. Эти усилия никогда не прекращались в течение последних 20 лет, видоизменяясь с учетом меняющейся внутриафганской ситуации. Туркменистан оказывал и продолжает оказывать существенную гуманитарную

помощь своему южному соседу, а его территория является одним из основных транзитных коридоров для доставки международных гуманитарных грузов в Афганистан.

Туркменистан с энтузиазмом поддержал идею создания зоны, свободной от ядерного оружия в Центральной Азии и последовательно работал для ее реализации вместе с соседями по региону и партнерами из международных организаций. Эта инициатива успешно реализована и стала важным фактором стабильности в регионе и далеко за его пределами.

После дерзкого вторжения боевиков Исламского Движения Узбекистана (ИДУ) в августе 1999 года в Бактенскую область Кыргызстана и повторившейся агрессивной вылазки этой экстремистской группировки на территорию Узбекистана в 2000 году, Секретариат ООН вышел с инициативой создания Центра ООН по привентивной дипломатии для Центральной Азии, создание которого позволило бы координировать усилия государств региона и международных партнеров в раннем предупреждении кризисных ситуаций. Консультации по этому вопросу продолжались в течение пяти лет, то и дело заходя в тупик в связи с разногласиями по поводу места пребывания такого Центра. Эту проблему в конечном итоге удалось решить и в декабре 2007 года Центр ООН по привентивной дипломатии для Центральной Азии был открыт в Ашгабате. Это стало возможным благодаря личному энергичному участию в этой работе уважаемого Президента Туркменистана, Гурбангулы Бердымухамедова. Консенсус пятерки центрально- азиатских государств о местонахождении регионального Центра ООН в Ашгабате не явилось случайностью - это стало признанием сбалансированной и конструктивной политики нейтрального Туркменистана партнерами по региону и за его пределами.

Деятельность регионального Центра ООН в Ашгабате всячески поддерживается руководством страны пребывания и лично Главой Государства. За годы своего существования региональный Центр неоднократно доказал свою полезность и эффективность. Особо наглядно проявилось это во время межэтнического конфликта на юге Кыргызстана летом 2010 года, когда сотрудники Центра сыграли важную роль в урегулировании опасного конфликтного очага и способствовали предотвращению его распространения в регионе. Руководство Туркменистана, его Президент, стремятся наполнить концепцию постоянного нейтралитета своей страны новым конструктивным содержанием и новыми инициативами, которые служили бы и своему отечеству, и всему международному сообществу. В этом контексте особого внимания заслуживает инициатива Президента Бердымухамедова о формировании международной системы энергетической безопасности. Важность этой цели трудно переоценить для решения задач устойчивого развития в мире, преодоления бедности, а также укрепления стратегической стабильности. Конкретные шаги по реализации этой крупной инициативы уже сделаны. Широкий комплекс мероприятий, намеченных Туркменистаном в рамках празднования двадцатой годовщины постоянного нейтралитета страны и провозглашение 2015 года годом мира и нейтралитета, позволит продвинуться дальше в реализации этого и других масштабных начинаний.

Постоянный нейтралитет, который виделся 20 лет назад руководством и народом Туркменистана как важная национальная цель - стал реальностью и эффективно работает на благо туркменского народа и во имя укрепления мира, сотрудничества и добрососедства в Центральной Азии и за ее пределами.

# PARAHATÇYLYKLY ÖSÜŞIŇ ÝOLUNDA BITARAPLYGYŇ ÄHMIÝETI

**Begenç ÇARYÝEW,**
Türkmenistanyň Ýokary
kazyýetiniň başlygy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň ähli döwletleriň parahatçylykda ýaşamagyna gönükdirilen daşary syýasaty hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine laýyklykda amala aşyrylýar hem-de milli we umumadamzat bähbitleri bilen sazlaşykly utgaşýar. Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013-2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda ýurdumyzyň alyp barýan halkara gatnaşyklarynyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esaslarda dürli görnüşlere eýe bolandygy, hyzmatdaşlygyň täze ugurlarynyň ýüze çykýandygy beýan edilýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda alnyp barylýan we halkymyzyň parahatsöýüjilik, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik gymmatlyklaryna esaslanýan içeri we daşary syýasatyň giň gerime eýe bolýandygy ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän wakalardan aýdyň görünýär. Milli Liderimiziň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda eden teklibi esasynda 2015-nji ýylyň Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly diýlip yglan edilmeginiň bitaraplyk syýasatynyň giň mümkinçiliklerini dabaralandyrmakda we ýurdumyzyň ösüş arkaly parahatçylygy üpjün etmäge gönükdirilen umumadamzat bähbitlerine gönükdirilen başlangyçlaryny dünýä ýaýmakda möhüm ähmiýeti bardyr.

Konstitusiýamyzyň giriş bölüminde beýan edilen ata-babalarymyzyň agzybir, parahat we oňşukly ýaşamak wesýetlerine ygrarly bolan Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy alnyp barylýan içeri we daşary syýasatyň özenini düzýär. BMG-niň agzalary bolan 185 döwletiň goldamagynda Garaşsyz Türkmenistan döwletine 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 50/80A sanly rezolýusiýasy bilen bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň berilmegi taryhda bitaraplyk derejesini edinmegiň täze görnüşi we hemişelik bitaraplygy resmileşdirmegiň özboluşly usuly hökmünde nazaryete we tejribä girdi. Rezolýusiýada Halkara guramasynyň Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýändigi we goldaýandygy, Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bütewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýandygy bellenýär.

Ýurdumyzyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen bitaraplyk hukuk ýagdaýy dünýä döwletleri tarapyndan Türkmenistanyň Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylygyň we durnukly ösüşiň merkezi hökmünde ykrar edilmegine getirdi. Milli özboluşlylygy hem-de häzirkizaman ösüşniň gazananlaryny utgaşdyrmak arkaly ösüşiň belentliklerine tarap ynamly öňe barýan

döwletimiziň döredijilikli we netijeli işleri ösüş arkaly parahatçylygy berkarar etmäge gönükdirilýär. Bu gün Türkmenistanyň içerki syýasatynda ýurdumyzy dünýäniň senagat taýdan ösen döwletleriniň birine öwürmek, ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak ugrunda alnyp giň gerimli özgertmeleriň netijeleri ýurduň bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan öz gözbaşyny alýar. Türkmenistanyň daşary syýasatda parahatçylyga, durnukly ösüşe we ählumumy howpsuzlyga ýardam etmek ugrundaky alyp barýan işleri we dünýä ýurtlarynyň arasynda öňe sürýän möhüm ähmiýete eýe bolan oňyn halkara başlangyçlary ýurdumyzyň sebitiň ýurtlary bilen dostlukly we özara peýdaly gatnaşyklary ösdürmekde Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny netijeli ulanýandygyny görkezýär.

Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ynsanperwerlige ýugrulan häsiýetli alamatlary onuň mazmunynda aýdyň ýüze çykýar. B**irinjiden** ýurduň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny meýletinlikde seçip almagy bilen, onuň ählumumy parahatçylygyň ýörelgelerine esaslanýandygy bolup durýar. Bu bolsa Bitaraplygyň ýurduň raýatlarynyň parahat, arkaýyn durmuşda ýaşamagynyň kepili bolmak bilen, döwletiň durnukly ösüşi üçin şertleri döredýändigini görkezýär. **Ikinjiden** döwletimiziň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan kepillendirilmegindedir. Munuň özi, bir tarapdan ýurdumyza dünýä bileleşiginiň öňünde duran maksatlara ýetmek üçin uly borçlary ýükleýän bolsa, beýleki tarapdan halkara bileleşiginiň tejribesinde bitaraplyk hukuk ýagdaýy resmi taýdan ykrar edilen ilkinji döwlet bolan Türkmenistana bildirilýän uly ynamy alamatlandyrýar. Türkmenistanyň daşary syýasatynda döwletara gatnaşyklaryny sazlaşykly we durnukly ýola goýmak, durnukly ykdysady, ýaşaýyş-durmuş we ynsanperwer ösüş üçin esasy şert hökmünde sebitleýin parahatçylygy we howpsuzlygy saklamagyň pugta usullaryny döretmek Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy bolup durýar. Bu abraýly halkara guramasy Türkmenistany geljegi uly, sebitde halkara hyzmatdaşlygyny işjeň durmuşa geçirýän we şol bir wagtda halkara borçlaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ykrar edýär. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýurdumyzyň paýtagty Aşgabatda açylmagy bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirýän döwletimize halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekdäki işjeň we oňyn ornuna berlen ýokary baha diýip hasaplamak bolar. **Üçünjiden,** ýurdumyzyň parahatsöýüjilikli daşary syýasat ýörelgesine eýerýänligi, beýleki döwletler bilen gatnaşyklary deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we olaryň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgeleri esasynda gurýanlygydyr. Häzirki wagtda bu ugurda alnyp barylýan işler ýurdumyzyň paýtagty Aşgabady iş ýüzünde ylalaşdyryjy merkeziň birine, iri halkara çäreleriň we halkara sergileriň guralýan ýerine öwrüp, türkmen bitaraplygynyň netijeli häsiýetini ýüze çykarýar. Ýurdumyzyň bu abraýly hukuk ýagdaýy onuň diňe bir içerki däl, eýsem daşarky durnuklylygy üpjün etmäge gönükdirilmeginden, islendik parahatsöýüjilikli işe, parahatçylygyň we ylalaşygyň hatyrasyna gepleşiklere ýardam bermäge, ynsanperwerlik kömekleri bermäge taýýarlygy bilen tapawutlanýar. **Dördünjiden** Türkmenistan döwletimiz halkara ykdysady hyzmatdaşlygy özara peýda we bu işe çekilen taraplaryň bähbitlerini hasaba almak esasynda ösdürýär, şunuň ýaly hyzmatdaşlyga ýurtlaryň we sebitleriň arasyndaky ynamy pugtalandyrmagyň, parahatçylygy we durnuklylygy saklamagyň möhüm guraly hökmünde garaýar. Hut

şonuň üçin hem, öz ykbalyny özi çözýän hem-de dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli gatnaşyklary açmaga isleg bildirýän Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwleti bilen aragatnaşyk açmak, hyzmatdaşlyk etmek isleýän ýurtlaryň sany barha artýar. Onuň sebäbi hem, Türkmenistanyň diňe bir ägirt uly möçberli serişdelere we ykdysady kuwwatly döwletdigi bilen birlikde, dýnýä ýurtlaryň ählisi bilen özara bähbitli we açyk hyzmatdaşlyk etmegindedir. **Bäşinjiden** Türkmenistan beýleki döwletler bilen olaryň medeniýetini, däplerini we adatlaryny hormatlamak esasynda öz gatnaşyklaryny guraýar hem ynsanperwer gatnaşyklara halklary ýakynlaşdyrmagyň, olaryň arasynda özara düşünişmegi çuňlaşdyrmagyň, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň möhüm serişdesi hökmünde garaýandygynda ýüze çykýar. Bu bolsa ýurdumyzyň milletleriň we halkyýetleriň arasyndaky ruhy gymmatlyklaryň alşylmagyna, medeniýetleriň özara ornaşmak we özara baýlaşmak proseslerine ýardam edýär. Daşary ýurtlarda ýurdumyzyň medeniýet günleriniň hem-de watanymyzda dürli ýurtlaryň medeniýet we dostluk günleriniň, şeýle hem köpsanly beýleki çäreleriň geçirilmegi döwletimiziň medeniýet babatdaky halkara gatnaşyklara möhüm ähmiýet berýändigini aňladýar. Türki medeniýetiň halkara guramasy tarapyndan (TÜRKSOY) 2015-nji ýylda Mary şäherini türki dünýäsiniň medeni paýtagty hökmünde yglan edilmegi bilen baglanyşykly çäreleriň ýokary guramaçylyk ýagdaýynda geçirilmegi halkara medeni hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda möhüm ähmiýeti bardyr. Daşary syýasatda açyklyga eýerýän hyzmatdaş hökmünde ýurdumyzyň diňe bir medeni hyzmatdaşlykda däl, eýsem sport ulgamynda gazanýan üstünlikleri hem doly tassyklaýar. 2017-nji ýylda paýtagtymyzda Ýapyk binalarda söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçirilmeginiň göz öňünde tutulmagy munuň aýdyň mysalydyr.

Şeýlelik bilen, Türkmenistan döwletimiziň hemişelik bitaraplygynyň ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmekde hem-de Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde we hoşniýetli goňşuçylyk, özara peýdaly hyzmatdaşlyk üçin şertleri döretmekde möhüm esas bolup durýanlygy aýdyň görünýär. Onuň esasy maksady halkara hukugynyň kadalarynyň we ýörelgeleri esasynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekden ybarat bolup durýar. Abraýly halkara guramasy tarapyndan bitaraplygy resmi taýdan ykrar edilen ilkinji döwlet bolan Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýy - sebitde durnuklylygy üpjün etmegiň we hoşniýetli goňşuçylyk, özara peýdaly hyzmatdaşlyk üçin şertleri döretmegiň möhüm guraly bolup durýar. Diýarymyzyň bu hukuk ýagdaýa eýe bolmagy ýurdumyzyň ilatynyň mynasyp durmuşyny hemmetaraplaýyn üpjün etmek üçin amatly şertleri döretmek ugrunda toplumlaýyn işleri alyp barmaga hem mümkinçilik döredýär. Türkmenistanyň her bir raýaty Bitaraplygy parahatçylygyň miwesi, geljege bolan ynamyň, sazlaşykly ösüşiň binýady hökmünde garaýar. Ýurdumyzyň ýöredýän bitaraplyk syýasaty halkyň bitewiligine, döwletliligine, bagtyýarlygyna we berkararlygyna esaslanýar. Bitaraplyk we parahatçylyk ýylynda parahat durmuşyň we durnukly ösüşiň nyşany hökmünde öz emeli hemrasyny älem giňişligine uçurmak bilen kosmos döwletleriniň hataryna goşulan Türkmenistan özüniň ykdysady taýdan kuwwatly döwletdigini hem-de innowasion we tehnologiki ösüş babatda hem işjeň hyzmatdaşdygyny subut etdi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji we 6-njy maddalarynda ýurdumyzyň bitaraplygynyň ykrar edilýändigi we onuň ýörelgeleriniň teswirlenýän kadalaryndan öz gözbaşyny

alýan döwletimiziň bitaraplyk hukuk ýagdaýy we parahatçylyk arkaly ösüşe gönükdirilen işleri milli we halkara hukuk ulgamynyň döwrebap ösüşine hem oňaýly täsir edýär. Ýurdumyzyň raýatlarynyň zähmetde, ylymda, jemgyýetçilik hem döwlet işinde öz ukyplaryny doly amala aşyrmagy üçin hukuk, ykdysady-durmuş we guramaçylyk mümkinçilikleriniň üpjün edilmegine ýardam bermekde Bitaraplygyň möhüm ähmiýetiniň bardygy has-da bellärliklidir. “Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky“ konstitusion Kanunynyň 9-njy maddasynda Türkmenistanyň dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen we halkara hukuk kadalarynda bellenilen adamyň we raýatyň  esasy demokratik hukuklaryny hem azatlyklaryny ykrar edýändiginiň we hormatlaýandygynyň, olaryň netijeli amala aşyrylmagynyň syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki kepilliklerini döredýändiginiň bellenmegi Bitaraplygyň ynsanperwer ugruny aýdyň görkezýär.

Halkara guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlykda müňýyllygyň ösüş maksatnamalaryna ýetmäge gönükdirilen adamzat ösüşini pugtalandyrmak ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Ýurdumyzyň bu ugurda alyp barýan işleri milletler bileleşiginiň makullamasyna mynasyp bolýar. Milli liderimiziň hukuk döwletiniň esasy alamatlaryny özünde jemleýän „Döwlet adam üçindir“ diýen ynsanperwer taglymaty döwletde kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kämilleşdirilen binýadyny döretmek bilen, raýatlaryň  hukuklaryny we azatlyklaryny goramagy, olary netijeli hem-de ahlak kadalary bilen sazlaşdyryp amala aşyrmagy maksat edinýär. Şu nukdaýnazardan,  ýurt Baştutanymyzyň Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen 2015-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda bolan duşuşygynda eden çykyşynda  “Adamy hemmetaraplaýyn goramak, goldamak, oňa hyzmat etmek  bolsa häkimiýet edaralarynyň baş wezipesi bolmagynda galýar” diýip nygtamagy ýurdumyzda adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goragyny güýçlendirmäge aýratyn üns berilýändigini tassyklaýar. Adamyň we raýatyň Esasy kanunymyzda bellenilen hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän kanunçylyk namalaryny umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Şeýle kanunlaryň hatarynda raýatlaryň  ýaşaýyş jaýa bolan hukugynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýan Türkmenistanyň Ýaşaýyş jaý kodeksini, adamlary durmuş taýdan goramagyň hukuk kepilliklerini özünde saklaýan Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksini, şeýle hem raýatlaryň esasy konstitusion hukuklarynyň biri bolan bilim almaga hukugyny durmuşa geçirmegiň kadalaryny belleýän “Bilim hakynda” täze kanunyň kabul edilmegi görkezmek bolar. Ýurdumyzyň raýatlarynyň saýlawlarda we sala salşyklarda öz erk-islegini erkin beýan etmegini üpjün edýän kepillikleri belleýän Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi, ýurdumyzda maşgalany, eneligi we çagalygy goramak babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmäge gönükdirilen Türkmenistanyň Maşgala kodeksi, raýatlaryň jemgyýetçilik birleşiklerini döretmäge bolan hukugyny durmuşa geçirmäge gönükdirilen Jemgyýetçilik birleşikleri hakynda Türkmenistanyň kanuny, maglumaty gözlemäge, ýygnamaga, almaga, ibermäge, öndürmäge, saklamaga, bermäge, ýaýratmaga we peýdalanmaga bolan hukuklary amala aşyrmakda we ony  goramagy üpjün etmekde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän Maglumat we ony goramak hakynda Türkmenistanyň kanuny hem şol kanunlara degişlidir.

Raýatlarymyzyň hukuklaryny goramaga gönükdirilen kanunlaryň kämilleşdirilen görnüşleriniň we täze kanunlaryň hem kabul edilendigini hem bellemek gerek. Olara ýurdumyzda awtorlyk we gatyşyk hukuklary goramagy hukuk esaslaryny belleýän “Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda” Türkmenistanyň kanuny, adamlaryň ýokary hil derejeli harytlar bilen üpjün edilmegi baradaky hukuklarynyň goralmagy baradaky düzgünleriň kadalaşdyrylmagy göz öňünde tutýan “Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň kanuny, çaganyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna, gönükdirilen toplumlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmeginiň hukuk kadalaryny özünde jemleýän “Çaganyň hukuklarynyň döwlet kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň kanuny, öz agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramagy göz öňünde tutýan “Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda” Türkmenistanyň kanuny, esasy wezipesi jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygyny, eýeçiligi gorap saklamak, adamyň, jemgyýetiň we döwletiň kanuny bähbitlerini goramak bolup durýan Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi degişlidir.

Esasy kanunymyzda göz öňünde tutulan şahsy we syýasy hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kazyýet goragynyň kepillendirilmegine gönükdirilen hukuklaryny goramagyň kadalary Türkmenistanda kazyýet önümçiliginiň we kazylaryň hukuk ýagdaýynyň meselelerini düzgünleşdirýän 2014-nji ýylyň 8-nji noýabrynda rejelenen görnüşinde kabul edilen “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanunynda öz beýanyny tapýar. Türkmenistanda kazyýet häkimiýetini amala aşyrýan kazyýetleriň guramaçylyk-hukuk esaslaryny, şeýle hem olaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýän bu kanunda kazyýetiň ähli işiniň kanunylygy, adalatlylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, namysynyň we mertebesiniň goralmagyna, hukuk düzgünininiň bozulmalaryna elten sebäpleriň we şertleriň aradan aýrylmagyna gönükdirilendigi bellenilýär. Bu döwrebap kanunlar toplumy adam hukuklarynyň amala aşyrmak işleriniň dowamly häsiýete eýedigini görkezýär. Şu nukdaýnazardan, Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda Konstitusiýamyzy we kanunlarymyzy kämilleşdirmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Şunda jemgyýetimiziň we döwletimiziň hukuk ulgamyny kämilleşdirmek bilen bagly strategik ugurlary konstitusion kadalarda beýan etmek, şol sanda ýurdumyzda adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekiliň bellenmeginiň konstitusion tertipde berkidilmegi bilen birlikde, Türkmenistanda adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil hakynda ýörüte kanunyň taýýarlanmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bu döwrebap jemgyýetçilik institutynyň ygtyýarlyklarynyň konstitusion we ýörite kanun esasynda düzgünleşdirilmegi demokratiýanyň hem-de raýat jemgyýetiniň kämilleşmeginiň ýolunda möhüm ädimleriň biri bolar.

Mälim bolşy ýaly, ilkinji gezek Garaşsyz döwletiň ýüz tutmagy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan “Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy” rezolýusiýanyň kabul edilmegi netijesinde ýurdumyza bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň berilmegi halkara guramasynyň tejribesinde hem, dünýä ýurtlarynyň tejribesinde taryhy waka bolandygy hakykatdyr. Geçen 20 ýylyň içinde Türkmenistanyň hemişelik bitarap döwlet hökmünde halkara gatnaşyklarynyň parahatçylykly ýol bilen ösdürilmegine, ähliumumy howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine mynasyp goşant goşýan abraýly orny ykrar edildi. Hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde eden çykyşlarynda belleýşi ýaly, Türkmenistanyň gö-

reldesine eýerip, geljekde hemişelik bitaraplyk derejesini öz üstüne almaga taýýardygyny mälim etjek ýurtlar näçe köp bolsa, şonçada biz bu dünýäde özümizi asuda we howpsuz duýup bileris. Dünýä bileleşiginiň ýurtlarynyň arasynda bitaraplyk derejesini öz üstüne almaga taýýarlara bitaraplyk derejesini bermek meselesiniň hem-de BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi ýaly merkezleri açmak mümkinçigi meselelerine seretmek tejribesiniň kepillendirilen parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam berer. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan özüniň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýändigi, ählumumy parahatçylygyň hatyrasyna öňe sürýän halkara başlangyçlary bu ugurda oňyn kararlaryň kabul edilmegi bilen halkara hukugynyň kämilleşmegine hem-de halkara guramalarynyň we dünýä döwletleriniň tagallarynyň bir ugra gönükdirilmegine getirýänligi üçin halkara derejesinde ähmiýeti uludyr. Muny, Ýurt Baştutanymyzyň energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmeginiň howpsuzlygyny üpjün etmek başlangyjy boýunça, dünýä döwletleriniň biragyzdan goldamagynda BMG-niň Baş Assembleýasy tarapyndan „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ diýen ýörüte rezolýusiýalarynyň kabul edilmegi hem tassyklaýar. Milli liderimiziň döwrebap ulag-logistika düzüminiň döredilmegine gönükdirilen halkara ähmiýetli oňyn tekliplerniň dünýä bileleşigi tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygyny BMG-niň Baş Assembleýasynyň 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrda “Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny” atly Rezolýusiýany kabul etmegi munuň nobatdaky subutnamasy boldy. Munuň özi, ýurdumyzda uly özgerişlere eýe bolýan ulaglar ulgamynyň hukuk we guramaçylyk binýadynyň ösdürilişiniň aýratyn ähmiýete eýedigini alamatlandyrýar. Türkmenistana esasy hyzmatdaşlarynyň biri hökmünde garaýan halkara guramasy bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň barha ösýändigine Türkmenistanyň 2013-2017-nji ýyllar üçin BMG-niň bilim, ylym we medeniýat meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO-nyň) Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanmagyny, BMG-niň Ykdysady we durmuş ösüşi boýunça geňeşiniň (EKOSOS) mejlisinde 2014-2016-njy ýyllar üçin Ylym we tehnika boýunça toparynyň agzalygyna, şeýle hem 2014-2017-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi boýunça toparynyň agzalygyna saýlanmagy, Energetiki Hartiýanyň Başlygynyň ygtyýarlyklaryny 2017-nji ýylda Türkmenistana bermek barada çözgüdiň kabul edilmegi,şeýle hem ýaňy ýakynda Türkmenistanyň BMG-niň gender deňligi, şeýle hem zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini geňeltmek boýunça edarasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy ýaly netijeler aýdyň tassyklaýar. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assembleýasynyň 69-njy mejlisinde parahatçylygy we howpsuzlygy goramak we pugtalandyrmak, energiýa ulgamynda, ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek, ynsanperwerlik meseleleri we adam hukuklary, ekologiýa we daşky gurşawy goramak bilen bagly ugurlary boýunça möhüm ähmiýetli halkara başlangyçlary öňe sürmegi umumy derejedäki ähmiýetli wezipeleri çözmäge bitewi çemeleşmeleri işläp taýýarlamakda möhüm ähmiýeti bardyr. Ynsanperwer meseleleri boýunça esasy halkara resminamalary bolan “Bosgunlar hakynda” BMG-niň Konwensiýasyna we onuň degişli teswirnamasyna, şeýle hem “Apatridleriň statusy hakynda” hem-de “Raýatsyzlygy azaltmak hakynda” BMG-niň konwensiýalaryna goşulan döwletimiziň bu ugurda alyp barýan işleri, aýratynam

raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek baradaky tapgyrlaýyn hereketleri ýurdumyzyň umumy ykrar edilen halkara kadalaryna ygrarlydygyny tassyklaýar.

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 12-nji aprelinde Koreýa Respublikasynyň Tegu şäherinde geçirilen VII Bütindünýä suw forumyna gatnaşyp, onda suw babatynda anyk başlangyçlary öňe sürmegi muny aýdyň tassyklaýar. “Suw biziň geljegimiz üçin” diýen şygar astynda geçirilen bu forumda döwlet Baştutanymyzyň “suw diplomatiýasy” ýörelgeleriniň işjeň hereket etmegi üçin şertleriň döredilmegiň zerurlygy baradaky başlangyjynyň, şeýle hem BMG-niň suw boýunça resminamasyny, ýagny, Suw Strategiýasyny taýýarlamagy teklip etmegi bu ugurdaky işleriň yzygiderligini tassyklaýar. Çünki bu başlangyç suw serişdeleriniň çeşmelerini emele getirmek we gaýtadan dikeltmek, olary oýlanyşykly we rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly mesellere garamaga gönükdirilen yzygiderli gepleşikleri geçirmek mümkinçiliklerine giň ýol açýar. Bu gepleşikleriň netijeleri suw meseleleri boýunça BMG-niň uzakmöhletleýin Ýöriteleşdirilen Maksatnamasyny işläp taýýarlamak üçin esas bolup biljekdigi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Ýurt Baştutanymyz suwdan peýdalanmaga mümkinçiligi ykrar etmek baradaky BMG-niň başlangyjyny goldamak bilen, suwa bolan elýeterliligi adamyň düýpli hukugy hökmünde ykrar etmegiň wajypdygyny nygtamagy, şeýle çemeleşmäniň binýadynda suw serişdelerini peýdalanmaga, olary netijeli dolandyrmaga örän jogapkärçilikli çemeleşmäge bolan ählumumy hukugyň bardygy hem-de suwuň elýeterliligine bolan hukugyň berjaý edilmeginiň dünýäniň ähli döwletleri üçin berk borç bolup durýandygy nukdaýnazaryndan uly ähmiýete eýedir.

Ýurdumyz her bir adamyň amatly daşky gurşawa bolan hukugyny durmuşa geçirmek babatda hem uly işleri alyp barýar. Howanyň üýtgemeginiň öňüni almak we onuň täsirini azaltmak boýunça işleriň esasy ugurlaryny kesgitleýän Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň tassyklanmagy bu hukugyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň anyk meýilnamasydyr. Türkmenistan howanyň üýtgemegi meselesini çözmek hem-de BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasy we Kioto teswirnamasynyň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin halkara tagallalaryna we hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşýar. Munuň şeýledigini, hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýada geçirilen BMG-niň “Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak” atly III Bütindünýä maslahatynda öňe süren teklipleri aýdyň tassyklaýar. Hususan-da, Döwlet Baştutanymyz 2015-nji ýyldan soňky Çarçuwaly maksatnamasyna BMG-niň howandarlygynda ýöriteleşdirilen düzüm bolan – Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly sebit merkezini döretmegi teklip edýär hem-de bu merkeziň işlemegi üçin zerur bolan düzümi hödürlemäge taýýardygyny beýan etdi. Şu nukdaýnazardan Tükmenistanyň tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini azaltmak boýunça hereketleriň Milli strategiýasyny döretmek üçin zerur bolan çäreleriň ulgamyny işläp taýýarlamaga girişmegi göz öňünde tutýandygy we onuň esasy ugurlarynyň hatarynda halkara we sebit hyzmatdaşlygyny yzygiderli ösdürilmeginiň hem-de pugtalandyrylmagynyň bellenilmegi halkara derejesinde betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak üçin zerur mümkinçilikleri döretmek boýunça tagallalaryň işjeňleşdirilmegine ýardam eder.

Umuman ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 20 ýyllyk şanly baýramynyň giňden

bellenilmegine taýýarlyk görülýän döwründe ýurdumyz bitaraplyk syýasatynyň giň mümkinçilikleri, onuň durnukly ösüşi we ynsan hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek babatda şertleri döretmekde ähmiýeti we ýurt baştutanymyzyň öňe sürýän taryhy başlangyçlary ýurdumyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň ynsanperwer ýörelgelere gönükdirilendigini we Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ähli umumy parahatçylygyň we adadançylygyň bähbitleri üçin ulanýandygyny doly tassyklaýar.

# BITARAP TÜRKMENISTANYŇ SEBIT HYZMATDAŞLYGY: HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYGA ESASLANAN DAŞARY-SYÝASY STRATEGIÝA HEREKETDE

**Berdinyýaz MÄTIÝEW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş ugrunyň okgunly, yzygiderli we täzeçillik häsiýeti biziň döwletimiziň halkara abraýynyň gyşarnyksyz berkemegini we dünýä geosyýasatynyň esasyny emele getirýär. Häzirki döwrüň ýörelgeleriniň hemmetaraplaýyn çuňňur we toplumlaýyn seljerilmegi netijesinde we Türkmenistanyň halkara ulgamyndaky esasy ýoluna we uzak möhletleri nazarlaýan gyzyklanmalaryna döredijilikli çemeleşmegi, biziň ýurdumyzyň dünýä bilele-şigi bilen işeňňir we giň möçberli işler boýunça hyzmatdaşlygy ýola goýmak, global ösüşlere içgin goşulyşmak babatdaky maksatlarynyň esasyny kesgitlemäge ýardam berdi. Bitaraplyk we Parahatçylyk ýyly bolan 2015-nji ýylda amala aşyrylýan daşary syýasat strategiýasy barada aýdylanda bolsa onuň esasy ýörelgesiniň, dünýä gatnaşyklaryndaky ykrar edilen binýadynyň barha berkeýändigine şaýatlyk edýär. Bu gün bitaraplygyň türkmen nusgasy barada aýdylanda, onuň sebitde durnuklylygy gazanmagyň aýgytlaýjy şertine öwrülendigini we döwletleriň arasynda parahatçylyk gepleşiklerini we hyzmatdaşlyklaryny amala aşyrmaga hyzmat edýändigini uly ynam bilen bellemek zerur. Halkara jemgyýetçiligi Türkmenistanyň bitaraplygynyň sebitde we Ýer ýüzünde bolup geçýän wakalaryna özüniň oňyn täsirini ýetirýändigine, şeýle-de amatly halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrmakda herekete getiriji şertleriň biri bolup durýandygyna göz ýetirdi. Munuň aýdyň mysaly hökmünde 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy ähli 193 sany döwletiň bir agyzdan goldamagy bilen „Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy“ atly Kararnamany (Rezolýusiýasyny) kabul edilmegini görkezip bolar. Bu Kararnamany bilelikde döredijiler hökmünde 47 sany döwlet çykyş etdi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň „Türkmenistanyň Hemişelik Bitaraplygy“ atly Kararnamasy döwletimiziň Bitaraplygynyň 20 ýyllyk tejribesini jemlemek bilen öňdäki taryhy döwür üçin belent maksatlary kesgitleýär. Bu Karanamada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň dünýäde we sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek ugrunda ägirt uly işleri we halkara başlangyçlarynyň doly ykrarnamasy bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Konstitusiýasyny kämilleşdirmek boýunça Konstitusion toparyň mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi:

---

**Berdinyýaz MÄTIÝEW,** Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary.



“Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk ýörelgesine, parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk däplerine pugta eýerip, dünýäde uly abraý gazandy. Ýurdumyz taryh üçin uzak bolmadyk döwürde ösen ykdysadyýeti bolan döwletleriň hataryna goşuldy. Biziň öňe sürýän her bir başlangyjymyzda Bitarap Watanymyzyň halkara abraýyny mundan beýläk-de artdyrmak maksatlary ileri tutulýar. 1995-nji ýylda Türkmenistan Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe boldy. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy berkidildi. Biziň ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden degişli Rezolýusiýasyny Esasy Kanunynda beýan eden dünýäde ýeke-täk döwletdir”. Häzirki döwürde Türkmenistanyň dünýäde parahatçylygyň höküm sürmegi, dürli ýurtlaryň arasynda hoşniýetli gatnaşyklaryň ösdürilmegi ugrunda çykyş edýändigini nygtamak bilen, hormatly Prezidentimiz şeýle diýdi: «Adamzadyň ösüşine howp salýan wehimlere garşy göreşmek ugrundaky bilelikdäki tagallalara işjeň gatnaşýar. Biz bu ugurlarda taryhy başlangyçlary öňe sürdük. Ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny Esasy Kanunymyzda has-da berkitmek boýunça gelip gowşan teklipleri göz öňünde tutup, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygy hakyndaky taryhy Rezolýusiýa aýratyn ähmiýet bermek



maksady bilen, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny kesgitleýän 1-nji maddanyň 4-nji bölegini täze maddada beýan etsek, maksadalaýyk bolar diýip pikir edýärin. Bu teklibiň uly goldawa eýe boljakdygyna ynanýaryn”.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan şeýle uly ähmiýetli teklibiň girizilmeginiň özi ýurdumyzyň daşary-syýasy taryhynda ýatdan çykmajak waka bolup durýar. Munuň özi döwletimiziň bitaraplyk halkara-hukuk derejesinden gelip borçlaryna gyşarnyksyz eýermek bilen, olaryň kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirýändigine aýdyň şaýatlyk edýär. Şu nukdaý nazardan seredilende, Türkmenistanyň bitaraplygy diňe bir türkmen halkynyň iň gowy arzuw-isleglerine laýyk gelmän, eýsem, sebitde parahatçylygy saklamaga, halkara gatnaşyklary ulgamynyň belent maksatlaryna we bähbitlerine hem laýyk gelýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň bitarap daşary syýasy ugrunyň dünýä bileleşiginiň ählumumy ykrarnamasyna we giň goldawyna mynasyp bolmagy diýseň kanunalaýykdyr. Bitarap döwlet bolan Türkmenistan «açyk gapylar» syýasatyny işjeň alyp barýar, dünýäniň ähli ýurtlary, ozaly bilende, goňşy ýurtlar bilen ikitaraplaýyn köpugurly hyzmatdaşlygy barha giňeldýär, olar bilen gatnaşyklary birek-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk we özara bähbitlilik esasynda guraýar.

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň doly hukukly agzalary bolan dünýä döwletleri bilen, şeýle hem iri we abraýly halkara guramalary bolan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki guramalar bilen dostlukly we birek-birege ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary alyp barýar.

Milli Liderimiziň baştutanlygynda üstünlikli alnyp barylýan daşary syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem dünýä döwletleri bilen ikitaraplaýyn dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek, hyzmatdaşlyga täze mazmun bermek pugtalandyrmak we işjeňleşdirmek bolup durýar. Türkmenistan umumy taryhy, syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary bar bolan goňşy döwletler bilen has ysnyşykly gatnaşmaga uly üns berýär. Şol döwletler bilen dostluk-doganlyk gatnaşyklaryna, ýakyn hyzmatdaşlygyna ol özüniň garaşsyzlygynyň we bitaraplygynyň saklanylmagynyň, şeýle hem daşary syýasy maksatlaryna üstünlikli ýetmekde özeni hökmünde garaýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma döretmegi — bu hormatly Prezidentimiziň syýasaty, ykdysadyýeti, medeniýeti bitewülikde, sazlaşyklylykda ösdürmegiň ussatlyk bilen hötdesinden gelýänligindedir we hut şonuň netijesinde hem Türkmenistan döwletimiziň syýasat nykdaýnazaryndan, parahatçylygyň we ylalaşdyryjylygyň merkezine; ykdysadyýet nukdaýnazaryndan, ösen senagatly, öndüriji döwlete; medeniýet nukdaýnazaryndan, sagdynlyk, ruhubelentlik we bagtyýarlyk mekanyna öwrülendigi buýsançly hakykatdyr.

Hormatly Prezidentimiziň daşary-syýasy işleri, iň ýokary derejede amala aşyrýan saparlary we geçirýän duşuşyklary hem-de gepleşikleri, olaryň netijesinde gelinýän ylalaşyklar we gol çekilýän resminamalar türkmen döwletiniň häzirki zaman şertlerinde okgunly öňe gitmeginiň we halkara gatnaşylary ulgamynda uly abraýa eýe bolmagynyň esasy şerti bolup durýar.

Sebit hyzmatdaşlygy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan we strategik taýdan möhüm ugry bolup durýar. Häzirki döwürde Türkmenistanyň goňşulary bilen alyp barýan gatnaşyklary täze many-mazmuna eýe bolýar, özara hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze görnüşleri emele gelýär. Bu gatnaşyklar birek-birege ynanyşmagyň, hormat goýmagyň, özara düşünişmegiň, umumy bähbitleriň mizemez esaslarynda, doganlygyň we hoşniýetli goňşuçylygyň däplerinde alnyp barylýar. Şeýle oňyn çemeleşmeler halklaryň parahat durmu¬şynyň pugta we ygtybarly kepilini üpjün etmek bilen, ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň berkidilmeginiň esasyny düzýär.

Şu ýylyň başyndan bäri Türkmenistanyň Prezidenti goňşy we sebit döwletleriniň birnäçrsiniň baştutanlary we hökümet ýolbaşçylary, halkara guramalarynyň ýolbaşçy wekilleri bilen wajyp duşuşyklary geçirdi. Şu nukdaý nazardan, hormatly Prezidentimiziň goňşy Owganystan bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösmegine we berkemegine aýratyn üns berýändigi uly ähmiýete eýe bolup durýar. Bitarap Türkmenistan Owganystan bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge ygrarlydygyny, şeýle hem goňşy ýurduň ykdysady we medeni taýdan ösmeginde mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ýardam etmäge taýýardygyny resmi taýdan aýan edýär we bu babatda anyk ädimleri amala aşyrýar. Iki dostlukly döwletiň hyzmatdaşlygy tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň bähbitlerine doly laýyk gelýän netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga we hemmetaraplaýyn ösdürmäge gönükdiriendir. Milli liderimiz Owganystanyň durnukly ösüşine uly gyzyklanma bildirýän Türkmenistanyň öňüni alyş diplomatiýasynyň gurallaryny we usullaryny ulanmak arkaly goňşy ýurtda dörän ýagdaýy parahatçylykly ýol bilen kadalaşdyrmagyň hem-de raýat ylalaşygyny berkarar etmegiň tarapdary bolup durýandygyny belleýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda owganara parahatçylykly gepleşiklerini geçirmek üçin özüniň syýasy giňişligini bermäge hem-de bu meseläni çözmegiň täze syýasy-diplomatiki gurallaryny işläp taýýarlamaga işjeň gatnaşmaga taýýardygy nygtaýar. Bu aýratyn hem, türkmen we owgan halklarynyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan dostluk hem-de doganlyk gatnaşyklaryny berkitmek nukdaý nazarynda wajypdyr.

Şu ýylyň 21-22-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen ýurdumyza döwlet sapary bilen gelen Owganystan Yslam Respublikasynyň Pre-

zidenti Mohammad Aşraf Ganiniň arasyndaky gepleşikler we gelnen ylalaşyklar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň hil taýdan täze taryhy sepgide ýetendigini aňlatdy. Saparyň çäklerinde döwletleriň Baştutanlarynyň duşuşyklarynyň barşynda dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we doly özara düşünişmek ýagdaýynda dürli ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýagdaýy we ony geljekde ösdürmegiň mümkinçilikleri, şeýle hem halkara we sebit syýasatynyň özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwletleriň Baştutanlary energiýa serişdelerini ibermek babatda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň parahatçylygy we energetiki howpsuzlygy pugtalandyrmakda, şeýle hem sebitiň durmuş-ykdysady ösüşinde esasy orny eýeleýändigini tassykladylar. “Türkmenistan – Owganystan - Pakistan – Hindistan” (TOPH) gaz geçirijisini gurmak we işe girizmek babatda hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhümdigi bellenildi. Döwletleriň Baştutanlary iki döwletiň ägirt uly üstaşyr-ulag mümkinçiliklerini nazara almak bilen, ulag-kommunikasiýa ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge möhüm ähmiýet berýärler. Taraplar Owganystan Yslam Respublikasy - Türkmenistan - Azerbaýjan Respublikasy - Gruziýa - Türkiýe Respublikasy ulag geçelgesini döretmek boýunça işi dowam etmegiň zerurdygyny bellediler.

Türkmenistanyň ýakyn aragatnaşyk saklaýan we doganlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürýän döwletleriniň hatarynda Türkiýe Respublikasy durýar. Iki döwletiň liderlerini arasynda amale gelen hakyky dostluk we birek-birege ynanyşmak, özara hormat goýmak we goldaw bermek ýörelgeleri ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň aýratyn mazmunyny kesgitleýär. 2015-nji ýylyň 3-4-nji martynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň resmi sapar bilen Türkiýe Respublikasynda bolmagy we geçiren duşuşyklary türkmen we türk halklarynyň mizemez doganlygynyň berk binýada esaslanýandygyny ýene bir aýdyň subutnamasy boldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkiýä sapary ikitaraplaýyn döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de okgunly ösdürmegiň ýolunda täze möhüm ädim bolmak bilen, häzirki döwürde däp bolan türkmen-türk gatnaşyklarynyň hil taýdan täze derejä galýandygyny we baý many-mazmun bilen doldurylýandyny aňlatdy. Saparyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti bilen Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti özara düşünişmek we ýokary derejede ynanyşmak ýagdaýynda dürli ugurlarda alnyp barylýan türkmen-türk gatnaşyklarynyň ýagdaýyny we bu gatnaşyklary depginli ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar, möhüm sebit we halkara meseleleri boýunça pikir alyşdylar, iki döwletiň arasynda uzak möhletli we özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga çalyşýandyklaryny tassykladylar. Taraplar umumy kabul edilen halkara hukuk kadalaryna hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda, şeýle hem halkara parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamak we üpjün etmek ugrundaky ähli meseleleri çözmek nukdaýnazaryndan Birleşen Milletler Guramasynyň ornuny güýçlendirmek pikirine ygrarlydyklaryny beýan etdiler.

Bu gün Türkmenistan özüniň hoşniýetli goňşuçylykly gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde Eýran Yslam Respublikasy bilen dostlukly hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek we giňeltmek bolup durýar. Türkmen hem eýran halklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhy özüniň köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Ilki

bilen, iki halkyň medeni-ruhy umumylyklary, köp asyrlyk söwda-ykdysady gatnaşyklary, şeýle-de parahatçylyk, ylalaşyk we howpsuz ösüş bilen şertlendirilen hyzmatdaşlyk Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň düýpli binýadyny emele getirýär. Iki döwletiň Baştutanlarynyň bilelikdäki tagallalary hem syýasy erki bilen häzirki döwürde türkmen-eýran hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykaryldy. Şu nukdaýnazardan, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hasan Ruhaniniň Türkmenistana 2015-nji ýylyň mart bolan döwlet sapary özara gatnaşyklary ösdürmek we giňeltmek babatda alnyp barylýan işlere uly goşant goşdy. Bu sapar biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň täze tapgyrynyň düýpli esaslaryny döretdi. Bu saparyň netijeleri boýunça kabul edilen iki döwletiň baştutanlarynyň gol çeken Bilelikdäki Beýannamasunda nygtalyşy ýaly, türkmen topragynda bolan bu duşuşyk iki goňşy döwletiň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň ýokary derejede ösendigini görkezdi. Döwletleriň Prezidentleri ýürekdeş ýagdaýda geçen ikitaraplaýyn duşuşygyň dowamynda özara gatnaşyklara hem-de sebit we halkara ýagdaýlaryna degişli meseleler boýunça giňişleýin pikir alyşdylar we beýan edilen ugurlar boýunça umumy garaýyşlarynyň bardygyny nygtadylar.

Döwlet Baştutanlary iki ýurduň halklarynyň arasyndaky taryhy we medeni gatnaşyklara ünsi çekmek we bu gatnaşyklary ösdürmek hem-de çuňlaşdyrmak üçin bar bolan mümkinçiliklerden has doly peýdalanmaga erk-islegini beýan etdiler. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiniň derejesinden we saparyň çäklerinde gol çekilen resminamalardan kanagatlanma bildirdiler. Şeýle hem, ozal gazanylan ylalaşyklary ýerine ýetirmegiň we syýasy, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni, sungat, sport, syýahatçylyk we ynsanperwer ugurlardaky gatnaşyklary mundan beýläk-de hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgesi hem-de iki ýurduň umumy bähbitleri esasynda ösdürmegiň ähmiýetini nygtadylar.

Türkmenistan bilen Pakistan Yslam Respublikasynyň arasynda ikitaraplaýyn dostlyk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypalar ýazylýar diýilse hakykata laýyk bolar. Şu nukdaý nazardan, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we şu ýylyň 20-nji maýynda Türkmenistana resmi sapar bilen gelen Pakistan Yslam Respublikasynyň Premýer-ministri Muhammad Nawaz Şarifiň arasynda geçirilen gepleşikler we gol çekilen resminamalar türkmen-pakistan gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de berkemeginde we ösmeginde wajyp tapgyr hökmünde taryha girdi. Ýokary derejedäki geçirilen duşuşyk iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň çuňlaşmagyna we olaryň döwrebap talaplara görä hil taýdan täze derejä çykmagynda kuwwatly itergi bolmak bilen dostlukly türkmen-pakistan gatnaşyklarynyň mydama-da özara çuňňur hormat goýmak we iş ýüzünde birek-birege goldaw bermek ýörelgelerine ygrarly bolup galýandyklaryna ýene bir gezek şaýatlyk etdi. Özara düşünişmek we dostluk ruhy bilen häsiýetlenen gepleşikleriň dowamynda iki döwletiň ýolbaşçylary dürli meseleler boýunça giňişleýin gepleşikleri geçirdiler we pikir alyşdylar. Taraplar öz halklarynyň düýpli bähbitlerine laýyk gelýän we sebitleýin parahatçylygy, durnuklylygy ösdürmekde we sebitiň gülläp ösmeginde möhüm şert bolup durýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn kämilleşdirmäge çalyşýandyklaryny beýan etdiler.

Elbetde, bir makalanyň çäklerinde Türkmenistanyň giň müçberli daşary syýasaty we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary barada gysgaça göz aýlamak mümkin bolýar. Türkmenistan global ösüşiň gün tertibinde duran meseleleri bilelikde çözmekde özüniň çemeleşmelerini yzygider ýagdaýda görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, biziň döwletimiziň daşary syýasy strategiýasy ählumumy ähmiýetli halkara tagallalaryny amala aşyrmakda işjeň hereketleri alyp barmaga gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2015-nji ýylyň 12-nji aprelinde Koreýa Respublikasy Tegu şäherinde bolup geçen VII Bütindünýä suw forumynda çuňňur manyly we geljege gönükdirilen mazmunly çykyş etdi. Bu Maslahatyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun bilen duşuşdy boldy.

Döwlet Baştutanymyz we BMG-niň Baş sekretary birek-biregi mähirli mübärekläp, Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň ählumumy parahatçylygyň hem-de abadançylygyň bähbidine barha ösdürilýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa Bütindünýä maslahatynyň işine hut özüniň gatnaşýandygy üçin hoşallyk bildirip, jenap Pan Gi Mun Bitarap Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlykda işjeň ornuny belledi. Duşuşygyň barşynda Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda häzirki döwrüň ýagdaýlaryny hem-de geljegi nazarda tutup, özara hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlary barada gyzyklanma bildirildi. Bitarap Türkmenistan halkara derejede netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek meselelerinde işjeň orny eýelemek bilen, oňyn başlangyçlaryň birnäçesini öňe sürdi, ol başlangyçlar BMG-niň Baş Assambleýasynyň belent münberinden, şeýle hem beýleki möhüm maslahatlarda beýan edildi. Ýurdumyz tarapyndan BMG-niň howandarlygy astynda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça ýöriteleşdirilen düzümi - Sebit merkezini döretmek baradaky başlangyç öňe sürüldi, onuň üçin türkmen tarapy Aşgabat şäherinde zerur bolan düzümi bermäge taýýardygyny beýan etdi. Munuň özi bolsa, Türkmenistanyň sebit we has giň halkara syýasatynyň meselelerini çözmekde ygtybarly hyzmatdaş bolup durýandygyny görkezmek bilen bir hatarda, goňşy ýurtlar we olaryň halklary bilen köp asyrlyk dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklar häzirki döwürde aýratyn many-mazmuna eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.

# ПОСТОЯННЫЙ НЕЙТРАЛИТЕТ ТУРКМЕНИСТАНА КАК ОБРАЗЕЦ СОВРЕМЕННОЙ ГОСУДАРСТВЕННОЙ ИДЕНТИФИКАЦИИ

**Андрей ХРИЕНКО,**
**Александр ХРИЕНКО,**
Международный институт стратегических исследований «Вектор», Российская Федерация

Формирование новой архитектуры современного мира началось на рубеже XX-XXI вв. в ходе известных исторических процессов. С момента обретения независимости Туркменистан избрал свою особую модель государственной идентификации, выраженную концепцией постоянного нейтралитета.

Syýasy ylymlarda däp bolan filosfiki we ahlak-etiki meseleler bilen bir hatarda analitiki we funksional ylmy-barlaglar has-da işjeň ösüp ugrady. Bu täze ugurlar iş ýüzünde alnyp barylýan syýasatyň talaplaryna jogap bermelidi we ilkinji nobatda kabul edilýän çözgütleri we syýasy maksatnamalary ylmy taýdan esaslandyrmalydy.

Geçen asyryň 30-njy ýyllaryna çenli esasy üns syýasy institutlar, häkimiýetiň gurluşy we işleýşi, territoriýalary dolandyrmak ýaly meseleler syýasy ylmyň üns merkezinde boldy.

Şol döwürlere çenli syýasy ylymlaryň esasy predmeti hökmünde döwlet hakyndaky taglymaty ösdürmek, döwlet dolandyryşy bilen bagly meseleleri ylmy taýdan öwrenmek we esaslandyrmak diýlip hasaplanýardy.

Geçen asyryň 30-njy ýyllarynda syýasat hakyndaky ylmyň täze jähtleri peýda bolup ugrady. Halkara syýasatynda derwaýys mesele hökmünde syýasy täsir ediş, onuň kuwwatlylygyna we netijelerine üns çekilip ugraldy. Däp bolan ugurlar bilen bir hatarda syýasat we şahsyýet meseleri derwaýys häsiýete eýe boldy. Şunuň bilen baglylykda, şahsyýet we onuň syýasy hereketleri, syýasy toparlaryň işjeňligi we olara baştutanlyk edýän şahslaryň liderlik häsiýetleri, jemgyýet durmuşynyň dürli şertlerinde syýasy äheňleri ýüze çykmasy ýaly meseleler syýasy seljerişiň üns merkezine çykdy.

XX asyryň ikinji ýarymynda, ilkinji nobatda, II Jahan urşunyň sapaklary zerarly, dünýä syýasatynda uruşlaryň we ýaragly dawallaryň öňüni almak, adam gymmatlyklaryny goramak meselesi öň hatarlara çykyp ugrady. Şol döwürlerden başlap syýasy seljerişiň esasy üç ugry peýda boldy:

1.Syýasy maksatnamalary kesgitlemek we olaryň arasyndan netijeli görnüşini saýlap almak wezipesine gönükdirilen seljeriş işi;

2.Syýasy çözgütleri kabul etmegiň we olary amala aşyrmagyň görnüşlerini we usullaryny seljeriş etmek;

3.Syýasy gurluşlary öwrenmek we döwleti dolandyryşyň görnüşlerini kämilleşdirmek meselelerine seljeriş bermek.

Syýasy seljeriş işiniň hususan-da seljeriş-usulyýet binýadyny giňeltmek we seljerişiň täze, has netijeli ugurlaryny işläp taýýarlamak hem üns merkezinde boldy. Bu babatda filosofiýa, takyk we tebigaty öwreniş ylymlarynyň gazananlary has işjeň ulanylyp başlady. Geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap syýasy seljerişiň hususy teoretiki we usulyýet binýadynyň döredilmeginiň zerurlygy baradaky pikirler we garaýyşlar öňe sürlüp başlandy. Şol bir wagtda-da, tejribede toplanan empirki maglumatlaryň agdyklyk etmegi bilen olary seljermek üçin matematika, statistika ýa-da fizika ýaly ylymlaryň usullaryny ulanmaklyga uly üns berlip başlandy. Seljerişiň obýekti hökmünde syýasy ýagdaýlar, hereketler we akymlar, syýasy institutlar has içgin öwrenilip başlandy.

Ýokarda agzalanlardan başga-da, birnäçe syýasy-filosofiki we taryhy taglymatlarda hem syýasy seljeriş üçin ýaramly garaýyşlar beýan edilýär. Mysal üçin, meşhur filosof we taryhçy K.Popper “açyk” we “ýapyk” diýlip atlandyrylýan syýasy gurluşlary, olary dürli taryhy döwürleriň öň sürýän talaplaryna laýyk geliş aýratynlyklaryny tapawutlandyrýar. Meşhur taryhçy we filosof A.Toýnbiniň taglymatyna görä, adamzat jemgyýetiniň taryhy dürli siwilizasiýalaryň emele gelişi, ösüşi we dargamagy bilen baglydyr. Taryhyň şeýle logikasyna görä siwilizasiýalar “çagyryş-jogap”, “bat alyş”, “taryhy sahnadan gidiş we oňa gaýdyp geliş”, “döwülmeklik”, “dargamaklyk” ýaly ýörelgeler esasynda emele gelýärler, ösýärler we dargaýarlar. Görnükli alym we taryhçy L.Gumilew bolsa milletiň we milli döwletleriň ösüşinde şahsyýetiň ähmiýetine, oňaýly tebigy faktorlara, geografiki landşafta, howa ýagdaýlaryna esasy ähmiýet berýär.

Bu ýerden görnüşi ýaly, geosyýasy seljeriş hem öz gezeginde her bir ýurduň daşary syýasatyny üstünlikli we netijeli amala aşyrmak üçin geosyýasy jähtden bolan ýagdaýlary seljermek we daşary-syýasy çözgütleri kabul etmek üçin esaslandyrylan teklipleri işläp düzmek bilen baglydyr. Bu babatda, döwlet ýolbaşçylygy tarapyndan dürli wezipeler öňde goýulýar we teklipler talap edilýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow biziň ýurdumyzyň Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşendigini we bu geografiki şertlerden oňaýly peýdalanmagyň zerurdygyny nygtaýar.

Geosyýasy seljerişde maglumat üpjünçiligine örän möhüm, hatda esasy orun degişldir. Etimologiki gelip çykyşy boýunça “maglumat” arapça “ma:limat”, ýagny “mälimlik” diýen manyny aňladýar. Maglumat baradaky ylmyň – kibernetikanyň düýbüni goýujy hasaplanýan Norbert Winer özüniň “Dörediji we geljek” atly kitabynyň ilkinji bölüminde bu babatdaky düşünjä şeýle kesgitleme berýär: “Maglumat – bu biziň özümiziň we duýgularymyzyň daşky gurşawa uýgunlaşmaklygynyň barşynda toplanýan mazmunyň alamatlanmasydyr”.

Geosyýasy seljerişde analitik işgär maglumatlaryň örän uly, bimöçber toplumyna duşýar we onuň içinden diňe zerur habarlary saýlap almak üçin birnäçe ýörelgelere eýermeli bolýar. Olar esasan şu aýratynlyklary öz içine alýar, ýagny:

1.Maglumat ynamly derejede bolmalydyr we ol esaslandyrmalar hem-de netije çykarmak üçin ygtybarly hyzmat etmelidir. Şu nukdaý nazardan, maglumat absolýut ygtybarly hem-de takmynan ygtybarly derejelerde bolup biler. Adatça resmi çeşmelerde beýan edilen maglumatlar absolýut ygtybarly hasap edilýär. Oňa ilkinji nobatda döwlete we onuň ýolbaşçylaryna degişli çeşmeler girýär.

2. Maglumat obýektiw ýa-da subýektiw häsiýetli derejelerde bolup biler we olary özara tapawutlandyrmak zerurdyr.

3. Maglumatyň dolulyk derejesi boýunça ol ýeterlik doly ýa-da toplumlaýyn doly bolup biler. Sebäbi absolýut doly maglumata iş ýüzünde örän seýrek duş gelinýär.

4. Maglumatyň elýeterlik derejesi köplenç halatda onuň "gizlin" ýa-da "gulluk" häsiýetli belgilenmeginden gelip çykýar. Mundan başga-da, maglumatyň elýeterligi wagt, giňişlik ýa-da çeşmeleriň azlygy babatyndan hem çäklendirilip bilner. Mysal üçin, zerur wagtynda alynmadyk maglumat soňra peýdasyz hala gelýär.

5. Maglumatlaryň gelip çykyşy boýunça olar ilkinji çeşmeden ýa-da gaýtadan işlenen görnüşde alnyp biler. Maglumatyň ilkinji çeşmesi hökmünde bolup geçýän wakalar ýa-da ýagdaýlar hakynda göni ýerinden köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan berilýän habarlar, resmi wekilleriň berýän açyklamalary bolup biler. Bu maglumatlar köp dürli we uly göwrümli bolýarlar. Şonuň üçin hem, seljeriş işinde şeýle maglumatlaryň arasyndan diňe zerurlaryny saýlap almak wezipesi durýar. Soňra saýlanyp alnan maglumatlar umumylaşdyrylýar.

6. Maglumatlaryň täzelenip durmagy hem wajyp ähmiýete eýedir. Bu nukdaý nazardan, hemişelik we üsti ýetirilip durýan maglumatlary tapawutlandyrýarlar. Mysal üçin, döwletler we olaryň geografiki häsiýetnamalary hemişelik bolup, olarda bolup geçýän wakalar hakyndaky maglumatlar wagtal-wagtal doldurylyp we täzelenip durýar.

Maglumat çeşmeleri esasan aşakdaky üç görnüşde bolup biler:

1. Maglumatlaryň maddy görnüşde döredilen çeşmeleri, ýagny resminamalar. Olara adatça dokumental çeşmeler diýilýär.

2. Maglumat eýe bolan we ony berip biljek adamlar.

3. Seljeriş geçirýän adamyň hut özüniň bolup geçýän wakalaryň ýa-da ýagdaýlaryň içinde bolmak bilen alyp barýan hususy syny.

Dokumental, ýagny resminamalarda öz beýanyny tapan çeşmeler olaryň beýan edilen serişdelerine görä dürli görnüşli bolup bilerler. Mysal üçin olar adaty kagyz, audio-, wideo-, HDD, CD, DVD, fleş-karta we ş.m. görnüşlerdäki maglumat göterijilere salnyp bilner.

Dokumental çeşmeler gelip çykýan çeşmelerine görä:

- Köpçülikleýin habar beriş çeşmeleri;
- Statistiki maglumatlar;
- Kada-hukuk resminamalary;
- Syýasy-ideologiki resminamalar;
- Çagyryş-wagyz ediş materiallary görnüşlerde bolup bilerler.

Geosyýasy seljeriş ilkinji nobatda öwrenilýän sebitdäki bolup geçýän syýasy ýagdaýlara we olaryň sebäplerine, olaryň ösüş ugruna we geljegine aň ýetirmek bilen baglydyr. Seljeriş

netijesinde alnan maglumatlar degişli çözgütleri kabul etmek hyzmat edýär.

Şunuň bilen baglylykda, seljerişiň ilkinji basgançagy syýasy ýagdaýlary we olaryň sebäplerini hakyky görnüşde beýan etmeklige bagyşlanýar. Ikinji basgançakdaky mesele bolsa seljeriş netijesinde alnan maglumatlary haýsy maksatlar bilen ulanmak barada bolup durýar. Birinji basgançaga empiriki, ýagny tejribeden gelip çykýan, seljeriş diýilýär. Empiriki seljerişi mukdar taýdan we hil taýdan öz beýanyny tapýar. Mukdar taýdan beýan edilişde statistiki deňeşdirme bilen ýagdaýlaryň ösüşi görkezilýär. Hil taýdan seljeriş netijesinde ol ösüşe baha berilýär we bolup geçýän ýagdaýlara many-mazmun taýdan baha berilýär.

Empiriki seljeriş bilen bir hatarda, normatiw seljeriş usullary hem ulanylýar. Normatiw seljeriş bu geosyýasy ýagdaýlar barada alnan seljeriş maglumatlarynyň haýsy maksatlar üçin, haýsy gymmatlyklaryň hatyrasyna ulanylýandygyny görkezýär.

Geosyýasy seljeriş birnäçe tapgyrdan durýanlygyna we şu aşakdaky çäreleri öz içine alýandygyna ünsi ýekmek zerurdyr, ýagny:

1. Seljeriş usullaryny teoretiki taýdan esaslandyryş;
2. Ol usullary anyk amallar görnüşine getirmek;
3. Anyk seljeriş meselesine görä laýyk bolan usuly saýlap almak;
4. Geosyýasy ýagdaýlara we wakalara syn bermek;
5. Alnan maglumatlary seljermek;
6. Seljeriş netijelerini taýýarlamak;
7. Çözgüde gelmek üçin hödülenmeli teklipleri taýýarlamak.

Seljeriş usullaryny teoretiki taýdan esaslandyryş tapgyrynyň ilkinji ädimi öňde goýlan seljeriş meselesini anyklamak we onuň derwaýyslygyny esaslandyrmak bilen baglydyr. Seljeriş meselesi işlenilip düzülenden soňra onuň bilen bagly esasy gyzyklandyrýan ugur kesgitlenýär. Soňra ol ugry seljermek üçin zerur bolan usullaryň teoretiki esaslandyrmasy işlenilip düzülýär.

Makalany jemlemek bilen, seljerişde ulanyljak usullary anyk amallar görnüşine getirmek tapgyrynyň wajyp häsiýete eýedigine ünsi çekmek zerur. Başgaça aýdylanda, amallar görnüşe getiriş bu konseptual garaýyşlary ýönekeýleşdirmek we usulyň her bir ädimini iş ýüzünde ýerine ýetirmek üçin ýönekeýleşdirmekdir. Saýlanylyp alnan usullara daýanmak arkaly synlaýyş bilen öwrenilýän wakalaryň we ýagdaýlaryň özara umumylyklaryny we tapawutlylyklaryny kesgitlemek möhümdir.

Olar esasynda, wajyp geosyýasy akymlara hem-de olary hereketlendirýän täsirli güýçlere baha berip bolýar. Geosyýasy seljerişe girişmezden ozal esasy barlanmaly meseläni kesgitlemek zerur. Oňa seljeriş meselesi diýilýär we ol umumy häsiýete eýe bolup biler. Seljeriş meselesi kesgitlenenden soňra ony ylmy esasda öwrenmek üçin degişli teoretiki esas saýlanyp alynýar. Olaryň käbir aýratynlyklary bolsa şu makalada öz beýanyny tapdy diýsek ýerlikli bolar.

# HALKARA GATNAŞYKLARYNDAKY SYÝASY-DIPLOMATIKI GEPLEŞIKLERIŇ LEKSIKI DÜZÜMINIŇ MESELELERI

**Maýa ORAZOWA,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly syýasaty esasynda bitarap Türkmenistan dünýä döwletleri bilen dost-doganlykly gatnaşyklary alyp barýar we ösdürýär. Şonuň bilen birlikde türkmen diplomatiýasynyň esasy serişdeleriniň hatarynda duran syýasy-diplomatiki leksikologiýa hem kämilleşýär. Biz makalamyzda şu mesele barada gürrüň etmegi makul bildik. Mälim bolşy ýaly, hünärlere degişli dürli adalgalary dil bilimi ylmynyň terminologiýa bölümi öwrenýär. Hünär bilen baglanyşykly düşünjeleri aňladýan sözler we adalgalar dillerde meňzeş däldir, sebäbi her bir millet islendik zady özüne mahsus bolan söz bilen atlandyrýar. Şol bir wagtda-da, döwletler tarapyndan ýola goýulan köpugurly gatnaşyklar netijesinde dürli hünärler bilen baglanyşykly leksiki birlikler bir dilden başga bir dile geçip başlaýar.

Halklaryň arasyndaky syýasy-ykdysady, medeni, ylym-bilim we beýleki babatdaky dürli ugurly gatnaşyklary, ilkinji nobatda, dilde öz beýanyny tapýar. Sebäbi halklaryň arasyndaky gepleşikler diliň kömegi bilen amala aşyrylýar. Şonda gatnaşyk üçin zerur düşünjäni aňladýan söz haýsy dilde ýok bolsa, şol dil gerek sözüni öz leksikasyna kabul edýär. Diliň şeýle häsiýetini inkär etmek bolmaz. Munuň özi gutulgysyz hadysadyr we dilleriň sözlük düzüminiň baýlaşmagy üçin esasy çeşmeleriň biridir. Biziň şeýle diýmegimiziň öz ýeterlik sebäbi bardyr. Dilleriň ösüşine nazar aýlanyňda, hiç bir diliň hem diňe öz içki leksiki serişdeleriniň hasabyna ýaşaýany we ösýäni ýokdur. Diýmek, hünärleriň dürli ugurlaryna degişli sözleriň we adalgalaryň alynmagy döwrüň, halklaryň arasyndaky dürli maksatly gatnaşyklaryň, hyzmatdaşlyklaryň yzygiderli we düşünjeli ýola goýulmagy üçin zerurdyr.

Diplomatiýa degişli hünärmenleriň öz arasynda gepleşikleriň geçirilmegi we pikir alyşmagy talap edýär. Şonda islendik ugur üçin bolan leksiki birlikleriň ýa-da adalgalaryň ulanylyşynda deňlik saklamak düzgüni ýüze çykýar. Başda belleýşimiz ýaly, munuň özi gatnaşyk edýän iki dil üçin hem peýdalydyr. Şu nukdaýnazardan diplomatiki diliň leksiki düzümini öwrenmek derwaýys mesele bolup durýar. Birinjiden, adalgalarda ýa-da şol ugra degişli leksiki birliklerde meňzeşligiň saklanmagy hünärmenleriň töwerekleýin pikir alşyp, özara düşünişip işlemegine, şol ugurdan iki tarapyň hünärmenleriň giňemegine mümkinçilik berse, ikinjiden, dilleriň sözlük düzüminiň baýlaşmagyna ýardam edýär, üçünjiden, wagtyň geçmegi bilen, diliň şol ugurlar boýunça ýazuw üsti bilen ýa-da sözleýiş üsti bilen beýan ediş ukybyny kämilleşdirmäge

**Maýa ORAZOWA,** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň "Dünýä dilleri " kafedrasynyň mugallymy.

ýardam berýär.

Halkara gatnaşyklary ulgamynda çykyş edýän döwletleriň syýasy-ykdysady gatnaşyklarynda daşary ýurt dilleri, esasan-da, iňlis dili möhüm ähmiýete eýedir. Şonuň üçin iňlis dilini türkmen dili bilen deňeşdirip, ylmy-teoretiki we ylmy-praktiki nukdaýnazardan töwerekleýin öwrenmek ör-boýuna galýar. Şonda adalgalar meselesi esasy orna geçýär, sebäbi halklaryň arasyndaky gatnaşyklarda, ilkinji nobatda, adalgalar we hünär bilen baglanyşyklar sözler ulanylyp başlanýar.

Belli bolşy ýaly, her bir diliň leksiki düzümi halklaryň arasyndaky gatnaşyklaryň mazmunyna görä baýlaşýar. Munuň şeýledigini Türkmenistan bilen daşary ýurtlaryň arasyndaky köpugurly dost-doganlykly syýasy-diplomatik gatnaşyklarda hem görmek bolýar.

Halkara gatnaşyklarynda ulanylýan syýasy-diplomatik leksikany hünär nukdaýnazaryndan aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar: 1) ýurduň jemgyýetçilik-döwlet gurluşy we taryhy bilen baglanyşykly leksiki aýratynlyklary; 2) halkara adalgalaryna degişli leksika; 3) umumy syýasy we ykdysady adalgalar; 4) harby adalgalar: 5) diplomatik adalgalar; 6) ýuridik adalgalar; 7) guramalaryň, birleşikleriň we bileleşikleriň atlary bilen baglanyşykly leksika.

Şu ugurlar boýunça halklaryň degişli hünärmenleriniň arasynda hyzmatdaşyklar ýola goýlan halatynda, zerur sözleriň we adalgalaryň özara pikir alşylanda, gürrüňdeşlikde ulanyljakdygy hem-de olaryň dilleriň sözlük düzümine girjekdigi öz-özünden düşnüklidir. Biziň ýurdumyzda bolsa şeýle gatnaşyklar we hyzmatdaşlyklar birnäçe ýyl bäri dowam edip gelýär.

Filologiýa ylmynda syýasy adalgalaryň kesgitlemesi dürli-dürlidir. Muňa garamazdan, alymlaryň köpüsi şu kesgitlemede ylalaşýarlar. Syýasy adalga syýasaty öwreniş ylmynyň bir pudagyna degişli bolan ylmy düşünjäni aňladýan sözden ýa-da söz düzüminden ybaratdyr. Syýasy adalgalaryň agramly bölegininiň aňladýan manysy degişli hünärmenler üçin düşnüklidir, munuň sebäbi ol adalgalaryň ulanylyşynda we aňladylyşynda birlik saklanýar. Ol adalgalar diňe bir hünärmenleriň dilinde däl, eýsem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dilinde ýa-da beýleki stillerde (ylmy, publisistik, çeper we ş.m.) ýazylan eserlerde hem bir manyda ulanylýar. Syýasy leksikanyň käbirleri köp manyly-da bolup bilýär, munuň şeýle bolmagy düşünjeleriň ködürlüligi bilen baglydyr.

Syýasy leksikanyň, aýratyn hem adalgalaryň dile aralaşmagy jemgyýetçilik düşünjeleriniň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň üçin döwletiň we jemgyýetiň ösüşindäki aýratynlyklary, şonuň ýaly-da halkara gatnaşyklaryndaky täzelikleri yzygiderli öwrenmek bilen, syýasy-diplomatik leksikany hem-de adalgalary hemme halklaryň hünärmenleri üçin düşnükli bolan belli bir sistema salynýar.

Hünärlere degişli sözler we adalgalar dile kabul edilende, olar göni alynýar ýa-da terjime edilýär. Mysal üçin: globalization – globallaşma; sustainable development – durnukly ösüş; consulate – konsullyk, attaché – attaşe; “iron curtain” – “demir perde”; Memorandum of Understanding – Özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama; Joint Statement – Bilelikdäki beýannama, protocol – teswirnama, diplomatic note – diplomatik notasy; non-profit organization täjirçilik häsiýetli bolmadyk gurama; declaration – jarnama; framework agreement – çarçuwaly ylalaşyk; diplomatic corps – diplomatik korpusy; diplomatic immunity – diplomatic immunitet; Double taxation agreement - Iki gezek salgyt salynmagy aradan



aýyrmak hakyndaky ylalaşyk; trilateral/three-sided talks – üçtaraplaýyn gepleşikler; embargo – embargo; High Commissioner Ýokary komissar; dialogue/talks/negotiations – gepleşikler, Paris Charter – Pariž hartiýasy; resolution – rezolýusiýa, kararnama; mutually beneficial cooperation - özara bähbitli hyzmatdaşlyk; Helsinki Final Act – Helsinki Jemleýji Namasy; Non-alignment Movement – Goşulyşmazlyk Hereketi; European Union – Ýewropa Bileleşigi; trade representation/mission – Söwda wekilhanasy; freedom of media – metbugat azatlygy; climate change – howanyň üýtgemegi; the best practice – oňyn tejribe; international commitments – halkara borçnamalary; sovereign equality – özygtyýarly deňlik; preventive diplomacy – öňüni alyş diplomatiýasy; member state – agza döwlet; participating state – gatnaşyjy döwlet; mandate mandate; letters of credence/credentials – ynanç haty; disarmament – ýaragsyzlanma; extremism – ekstremizm; treaty law – halkara ylalaşyk hukugy we başgalar.

Ýokardaky mysallardan belli bolşy ýaly, hünärlere degişli sözleri ýa-da adalgalary terjime etmek we dile kabul etmek üçin terjimäniň dürli usullary, ýagny, alynma sözleri ulanmak, düşündiriş bermek, manydaş söz ulanmak bolar.

Aralyk adalgalary, ýagny diňe hünärmenleriň ulanýan dar çäkdäki sözlerini we adalgalaryny şol kärdäki adamlar bilen maslahatlaşyp dile kabul etmek dogrudyr. Hünär bilen bagly sözler her bir diliň sözlük düzüminiň esasy gatlagyny düzýär. Şonuň üçin hünär sözleriniň we adalgalarynyň arasynda köpmanyly görnüşleri-de bardyr. Şeýle leksiki birlikleri düşnükli bolar ýaly, biziň pikirimizçe, terjime etmelidir.

Dilde syýasy-diplomatik leksikanyň we adalgalar ulgamynyň döreýiş ýoly dildäki beýleki ugurlaryň leksikasynyň hem-de adalgalarynyň emele gelşi bilen belli bir derejede meňzeşdir. Belli bolşy ýaly, adalgalaryň esasy bölegi dilde öňden bar bolan asyl ýa-da alynma sözlere gaýtadan many berilmegi arkaly ulanylyşa girizilýär. Bu babatda a) gelip çykyşy boýunça

adalga bolan syýasy-diplomatik leksika we b) gelip çykyşy boýunça adalga bolmadyk syýasy-diplomatik leksika özara tapawutlandyrylýar.

Syýasy-diplomatik leksikanyň birinji toparyna köpçülikleýin ulanyşa giren adalgalar degişlidir. Bu topara degişli adalgalar duýgy öwüşginliligi babatynda ikinji topara garanyňda, azda-kände bitarapdyr, aralykdyr. Gelip çykyşy boýunça adalga bolmadyk syýasy-dip-lomatik leksikada köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň syýasy aňlatmalary has tapawutlanýar. Olara, esasan, daşary syýasatyň, şeýle hem içeri syýasatyň dürli hadysalaryny hem-de wakalaryny aňladýan leksika girýär. Mysal üçin, Ýewropada umumy bazaryň döremegi bilen, “umumy baza” düşünjesi esasan Ýewropa yklymyna degişlilikde ulanylyp ugrady. Şunuň bilen baglylykda bolsa, “Europeanism” hem “umumy bazaryň” bähbitlerine görä wagyz ýa-da hereket manysyna eýe boldy. Ýokarda getirilen mysallardan görnüşi ýaly, sözleriň jemgyýetçilik taýdan täze manyny almak bilen adalga öwrülmegi belli bir döwrüň içinde tapgyrlaýyn esasda bolup geçýär.

Iňlis dilindäki syýasy-diplomatik temalara bagyşlanan tekstlerde çylşyrymly we çuň manyly pikirler, köplenç, durnukly aňlatmalar bilen berlip, sintaktik taýdan gysga görnüşde emele gelýär. Olara mysal edip şu frazeologiki birliklerini görkezmek bolar: soft/hard power, good office, carry the day, sanction fatigue, negotiations behind the scene, interest group, most-favourate-nation treatment, negotiating stalemate, tabling for consideration, prisoner’s dilemma, under the agreement, war by proxy, move a resolution.

Diplomatiki leksokologiýada reňkleri aňladýan sözleri göçme manyda ulanmagyň giň mümkinçilikleri gyzykly netijelere getirýär. Häzirki zaman iňlis diliniň düzümine green (ýaşyl) sözi bilen baglanyşykly birnäçe täze söz düzümleri döredi. Mysal üçin, ýaşyl reňk daşky gurşawyň alamaty hökmünde: Greenpeace, Green economy, Green diplomacy, Green Power we başgalar. Olaryň hatarynda, Green Power ýaşyl reňkli bolan ABŞ dollarynyň halkara-ykdysady kuwwatynyň metaforik aňlatmasydyr. “Black Tuesday” (Gara Sişenbe) – 1929-njy ýylyň 29-njy oktýabrynda Nýu-Ýork fond biržasynda gymmatly kagyzlaryň hümmetiniň aşa pese düşen güni. Şuňa meňzeşlikde, Black Tuesday, Black Monday, Black Thursday, Black Friday, Black Wednesday sözleri hem maliýe çökgünligi aňlatmak üçin ulanylýar.

Diplomatik we ýuridik tekstlerde latyn we fransuz dillerinden alynan sözler giňden ulanylýar. Mysal üçin: ad referendum, modus vivendu, casus belli, affidavit, res judicata; aide-memoire, attaché, Chargé d’Affaires, communiqué.

Iňlis dilindäki syýasy-diplomatik leksika we adalgalara umumylykda syn berlende şeýle netijelere gelmek bolýar. Birinjiden, beýleki käbir dillere garanyňda, iňlis dilindäki syýasy-diplomatik leksikada göçme manyly durnukly aňlatmalar giňden ulanylýar. Ikinjiden, syýasy leksikanyň kemala gelen döwrüniň taryhyndaky umumylyklar ileri tutmalydyr. Üçünjiden, syýasy-diplomatik leksikanyň ösüşi hem umumy dil kanunlaryna boýun egýär. Bu bolsa degişli leksikany iňlis dilinden türkmen diline geçirmekde, esasan, kynçylyk döretmeýär.

Biz hünär sözleri we adalgalar baradaky gürrüňimizi syýasy-diplomatik ugur bilen gysgaça baglanyşdyrdyk. Görnüşi ýaly, hünär sözleri we adalgalar dilleri baýlaşdyrmagyň çeşmesi hökmünde çykyş edýär.

# DAŞARY ÝURTLARDAN GETIRILÝÄN HARYTLARYŇ ORNUNY TUTÝAN ÖNÜMLERI ÖNDÜRMEKDE TOPLANAN HALKARA TEJRIBESI

**Maral ATAÝEWA,**
Türkmenistanyň Ykdyadyýet
we ösüş ministrliginiň Strategik
meýilnamalaşdyryş we ykdysady
ösüş instituty

Milli Liderimiz tarapyndan öňe sürlen daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny çalyşmak strategiýasy ýurdumyzyň ösüşiniň häsiýetli aýratynlyklarynyň ählisini nazara alýan toplumlaýyn çemeleşmä esaslanýandyr. Bu syýasat milli senagatyň düýpli ylmy barlaglary talap ediji hem tehnologiýa kämilligi ýokary bolan harytlyk önümleri öndürmeklige geçirilmegini göz öňünde tutýar, şu maksada ýetmekde baş wezipeleriň biri-de önümçiligi we tehnologiýalary yzygiderli ösdürmekden, hünär taýýarlygy döwrüň talabyna doly laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamakdan we çekmekden ybaratdyr.

2015-nji ýylyň 15-nji maýynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisinde ýurt Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow milli ykdysadyýetimiziň okgunly ösüşine ýardam bermäge, halkymyzyň abadançylygynyň ýokarlandyrylmagyna we türkmen döwletiniň mundan beýläk-de gülläp ösmegine gönükdirilen “Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky” hem-de “Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky” Kararlara gol çekdi.

Milli senagat önümçiliginiň haýsydyr bir pudagyny ösdürmekde saýlanyp alnan strategiýa hökmünde daşary ýurtlardan satyn alnyp getirilýän harytlaryň ornuna türkmen önüm öndürijileriň taýýarlan harytlyk önümlerini peýdalanmakda bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmak. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça durmuşa geçirilýän çäreleriň dünýä we milli ylmynyň gazananlaryny, bu ugurda bar bolan nazary garaýyşlary we dünýä tejribesini düýpli seljermek, öwrenmek hem-de netijeli maksada laýyk peýdalanmak.

Taryhda ösüş dürli döwürlerinde dünýä ýurtlarynyň birnäçesi daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek syýasatyny durmuşa geçirmäge synanşyk edipdirler. Dünýä döwletleriniň aglabasy özüniň senagat ösüşini üpjün etmegiň başlangyç tapgyrynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek syýasatyny amala aşy-

**Maral ATAÝEWA,** Türkmenistanyň Ykdyadyýet we ösüş ministrliginiň Strategik meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş institutynyň Maýa goýumlaryň we gurluşyk toplumynyň ösüşi müdirliginiň başlygy.

rmak arkaly içerki sarp ediş bazaryny pugtalandyrmagy hem-de eksporta gönükdirilen ykdysadyýetiň modeline kem-kemden geçmegi ýerlikli hasaplapdyr. Özüniň ykdysady ösüşinde senagatlaşmak tapgyryny başdan geçiren ýurtlaryň ählisi daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek syýasatyny durmuşa ornaşdyrmagyň zerurlygy bilen ýüzbe-ýüz bolupdyrlar. Günorta Ýewropa döwletleri we ABŞ bu strategiýany ilkinji gezek 1850-nji ýylda özüniň milli senagatyny goldamak maksady bilen peýdalanyp başlaýarlar. Şeýlelikde, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny çalyşmak syýasatyň başy XIX asyrda tutulypdyr we XX asyrda bolsa ol eýýäm ösüp gelýän ýurtlarda-da giňden ulanylyp başlaýar.

Alymlarda Ýaponiýada, Günorta Koreýada, Hytaýda, Singapurda, Taýwanda, Hindistanda we Latyn Amerikasy döwletlerinde ykdysadyýeti kämilleşdirmekde we döwrebaplaşdyrmakda toplanan tejribe has uly gyzyklanma döredýär.

Ýaponiýa, onuň yz ýany bilen bolsa Singapur, Taýwan we Günorta Koreýa döwletleri daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek syýasatyny durmuşa geçirmekde düýpli hem ýokary depginde döwrebaplaşdyrmak arkaly milli senagat ulgamynda ýokary hilli önümleriň öndürilmegini üpjün etmäge ukyply önümçilikleriň işini ýola goýmak uguryny saýlap aldylar. Ösüşiniň bu usulyny ady agzalan döwletleriň saýlap almagynyň esasy sebäbi olarda çig mal serişdeleriniň düýpli azlyk edýändigi bilen düşündirilýär, şunuň ýaly ýagdaýda çig mal serişdelerini ýurduň çäginden daşarda satyn almaly bolýar. Maýa goýumlaryň (öz çeşmelerine hem daşyndan çekilen serişdeleriň hasabyna toplanan) esasy bölegi gaýtadan işleýän senagaty ösdürmek maksatlaryna gönükdirildi. Geljegi uly bolan pudaklarda iş alyp barýan firmalara hem kompaniýalara ýokary öndürijilikli enjamlary satyn almak üçin daşary ýurt pullary köp möçberde bölünip berlipdir, şol bir wagtyň özünde olar üçin salgyt (göni we gytaklaýyn) ýeňillikleri döredilipdir, daşary ýurtlardan satyn alynýan çig mallara, zerur bolan ätiýaçlyk we toplaýjy şaýlara goýulýan import tarifleri peseldilipdir, dürli monopol hukuklary bellenilipdir.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmekde üstünlik gazanmagyň esasy syry öndürilmegi öňdebaryjy orunlary eýelemäge oňat mümkinçilik döredýän harytlaryň tutuş bir toparyny öndürmekde bar bolan iň täze tehnologiýalaryň mümkin boldugyça tiz ornaşdyrylmagynda jemlenendir. Şol harytlyk önümleriň ýerlenilmeginden alynýan girdeji, ilki bilen, durmuş we önümçilik infrastrukturasyny ösdürmek üçin gönükdirilýär. Şeýle modeliň many-mazmuny şundan ybarat: her bir döwlet goşulan gymmatynyň ululygy barha artýan çylşyrymly harytlaryň önümçiligini tapgyrma-tapgyr, ädimme-ädim, maksada okgunly özleşdirýär. Gysga döwrüň içinde bu ýurtlar tehnologik gurluşa (ýeňil we azyk senagata, ýönekeý enjamlaryň we gurallaryň, elektrik harytlaryň önümçiligi) esaslanan ýönekeý düzümli senagatdan ýokary hilli harytlyk önümleriň (awtoulaglaryň hem-de uzak wagtlaýyn sarp edilişe niýetlenen beýelki harytlaryň, optiki we elektron enjamlaryň, kompýuterleriň, dermanlaryň we ş.m.) köpçülikleýin çykarylmagyna çenli aralykdaky ýoly geçmek başartdy.

Bahasynyň düzümine “endikler we başarnyklar üçin töleg” girizilen harytlyk önümleri: programmalaýyn üpjünçiligi, elektronikany, tehnologiýalary, enjamlary, inženerleriň we programmistleriň hyzmatlaryny, dermanlyk önümleri we ş.m. daşary ýurt bazarlaryna satuwa çykaryp başlaýarlar. Irlandiýa, Ysraýyl, Ispaniýa we Hindistan (Bangalordaky offşor programmalaşdyryş



zolagynda) ýaly döwletler hem şu ösüş ýoluny saýlap aldylar.

Ösüp barýanlaryň hataryndan ösen döwletlere gysga wagtyň içinde öwrülmegi başaran Günorta Koreýa, Taýwan, Singapur, Gonkong döwletleri girýär. Senagat syýasatynyň iki esasy görnüşini tapawutlandyrýarlar: olaryň birisi daşary ýurtlardan getirilýän



harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek, ikinjisi bolsa eksporty höweslendirmekdir.

Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda Günorta-Gündogar Aziýanyň döwletlerine özüniň içerki bazaryny goramak we goldamak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek strategiýasyny köpugurly hem yzygiderli durmuşa geçirmek arkaly kuwwatly senagat kuwwatlyklaryny döretmek başardypdyr.

Bu döwletler daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek syýasatyny birnäçe ýyllaryň dowamynda üstünlikli durmuşa geçirýärler. Bu tapgyryň yzýany bilen daşary ýurt sarp ediş bazaryna ikinji ýola ugrukdyrmak strategiýasy amala aşyrylyp başlaýar. Binýady ýaňy tutulan pudaklar ilkibaşda içerki gorag çäreleriniň astyna alynýar, emma göwrüminiň artmagy bilen gazanylýan tygşytlylygyň derejesi ýokarlandygyça, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň öňüne basylýan böwetler kem-kemden aradan aýrylypdyr.

Günorta-Gündogar Aziýa sebitiniň döwletlerinde daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça amala aşyrylan syýasaty birsydyrgyn hem-de paýhasly eksport syýasatyna geçirildi: olar täze önümi döreden badyna, şol önüm bilen daşary ýurt sarp ediş bazaryna netijeli çykmaga synanyşyk edipdirler. Şol sebäpden bu döwletleriň toplan tejribesini rowaçly diýip hasap edip bolar, çünki olaryň daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek bilen baglylykda amala aşyran çäreleri bu döwletlere öňdebaryjylyk orunlara çykmagyna ýardam edipdir.

Has içgiň öwrenilende, senagatlaşmak stategiýasynyň has netijeli hasaplanýan Gündogar-Aziýa ugrunda üç esasy tapgyryny bölmek bolýar. Birinji (daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek) tapgyrynda ozal ýok bolan pudagyň binýady tutulýar, heniz doly güýje girmedik milli önüm öndürijileri bazar bäsdeşliginden goramak çäreleri amala aşyrylýar. Alymlar Gündogar Aziýa ýurtlarynyň gazanan üstünligini, ilki bilen, olaryň ilkinji tapgyrynda uzak eglenmän, dessine ikinji tapgyra – eksporty hemme taraplaýyn höweslendirmek, şol bir wagtyň özünde-de gümrük böwetliklerini kem-kemden pese düşürmek syýasatyna geçendikleri bilen baglaýarlar. Ikinji tapgyrda degerli döwlet goldawy täze döredilen pudaklarda iş alyp barýan önüm öndürijileriň hemmesine däl-de, diňe daşary sarp ediş bazara çykýanlara berilýär. Üçünji tapgyrda döwlet tarapyndan eksporta ugrukdyrylan kär-

hanalary we pudaklary goramak hem-de goldamak kem-kemden azaldylýar, sebäbi pudak daşary bazarlarda ynamly orny eýeländen soň şeýle goldawyň zerurlygy öz-özünden ýitip gidýär.

Aziýa döwletleriniň ykdysady ösüşinde tutuş Gündogar Aziýa sebiti üçin mahsus bolan ýokary tizlikli döwrebaplaşdyrmak modelini häsiýetlendirýän umumy alamatlary bölüp çykarmak mümkindir. Ösüşleri gazanmak wezipesiniň bu ýurtlarda çözülmeginde, edil Ýaponiýa döwletinde bolşy ýaly, şu aşakdaky ugurlar ileri tutulyldyr: pugta döwlet kadalaşdyrylyşynyň saklanyp galmagy; gyzyl puluň dolanyşygyna berk gözegçiligiň ýola goýulmagy; bazar ykdysadyýetiniň eksporta ugrukdyrylmagy.

Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa sebitleriniň ösüp gelýän ýurtlaryna Günbatar döwletlerinde öndürilmegi düşewüntli bolmagyny bes edýän, emma sarp ediş islegini ýokary derejede saklap galýan, hili ýokary hem-de bahasy arzan bolan harytlyk önümlerini öndürmek hem-de Günbatar ýurtlaryna satuwa çykarmak wezipesiniň hötdesinden gelmek başardypdyr. Şol bir wagtyň özünde, şol döwürde bar bolan maýa goýum akymlaryna daýanmak bilen, önümçilik kärhanalarynyň uly topary Günbatar döwletlerinden Aziýa ýurtlaryna göçürilipdir. Şeýlelikde, Aziýanyň “şirleri” diýlip atlandyrylýan nesle degişli bolan döwletlerde geçen asyryň 80-nji ýyllarynda gazanylan ýokary ykdysady ösüş köp halatda Ýaponiýadan amala aşyrylan göni maýa goýumlaryň hasabyna gazanylypdyr.



Günorta Koreýa döwletine daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek arkaly senagatlaşmak işlerinde 1960-njy ýyllaryň başlaryndan hem öň belli bir derejede gymmatly iş tejribesini toplamak başardypdyr. Bu ýerde daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek strategiýasy milli ykdysadyýeti ösdürmegiň umumy syýasatynyň bir bölegi bolup çykyş edipdir. Şeýle syýasatyň durmuşa geçirilmegi milli ykdysadyýeti düýpli pugtalandyrmaga hem-de eksporta ugrukdyrylan strategiýany amala aşyrmak üçin zerur bolan kuwwatly binýady döretmäge oňat mümkinçilik beripdir. Netijede bu syýasat 60-njy ýyllaryň ortalaryndan işjeň ýagdaýda durmuşa geçirilip ugralypdyr.



1966-1978-nji ýyllar aralygynda Günorta Koreýa döwleti eksporta ugrukdyrylan ykdysadyýeti gurmak strategiýasyny doly möçberde kabul edýär. Düýpli özgertmeleri durmuşa geçirmek bilen, ýurduň hökümeti harytlyk önümleriň importynyň ozal bar bolan mukdar çäklendirmelerini kem-kemden gowşadyp, import tarifleriniň möçberini pese düşüripdir. Mundan

başga-da alyş-çalyş hümmetiniň nominal möçberine düzedişleri wagtly-wagtynda girizmek we / ýa-da eksporty subsidiýalaşdyrmagyň göwrümine o diýen uly bolmadyk üýtgetmeleri goşmak arkaly, ýurduň hökümetine puluň alyş-çalyş nokadyny iş ýüzünde 1965-nji ýylyň derejesinde saklamaklyk başardypdyr.

Ýurtda ýeňil senagatyň eksporta niýetlenen önümleriniň önümçiligi özleşdirilenden soň, döwlet enjamlaryň önümçiligini höweslendirip başlaýar. Şu döwürde (1970-nji ýyllar) ýurduň himiýa senagatynyň hem-de ulag maşyngurluşyk pudagynyň binýady tutulýar.

Döredilenine o diýen köp wagt geçmedik pudaklar döwlet tarapyndan meýilnamalaýyn amala aşyrylýan gorag çäreleriniň astyna alnypdyr, emma ýaýrawynyň giňemeginiň hasabyna tygşytlamagyň göwrüminiň artmagy bilen, harytlyk önümleriniň import edilmeginiň öňüne böwet basmalar kem-kemden aradan aýrylypdyr.

Koreýa döwleti husysy telekeçilige täsir etmekden peýdalanan netijeli iş gurallarynyň biri bolup bank edaralary çykyş edipdir. 1990-njy ýyllaryň başlaryna çenli döwlet milli maliýe-karz ulgamyny pugta gözegçilik astynda saklamagyny dowam edipdir. Banklar iri möçberli kompaniýalara karzlary we subsidiýalary bermek bilen meşgullanypdyrlar ýa-da asla bermändirler. Şeýle ýagdaýda döwlet maýa goýum kompaniýalaryna aýratyn ornuň degişli bolmagynda galypdyr.

Günorta Koreýa döwletinde ykdysadyýeti senagatlaşdyrmagyň tizleşdirilen maksatnamasy durmuşa geçirilip başlanandan soňra amala aşyrylan döwlet kadalaşdyrylyşyň many-mazmuny, ilki bilen, ykdysady ösüşiň 5 ýyllyk meýilnamalaryny işläp taýýarlamak bilen bagly bolupdyr. Şunuň ýaly çemeleşme dünýäniň senagat taýdan ýokary derejede ösen beýleki döwletlerinde (Ýaponiýada, Italiýada, Fransiýada we ş.m.) iş ýüzünde amala aşyrylypdyr.

Aziýa sebitiniň senagat taýdan ösüşe eýe bolan täze döwletlerinde düýpli maýa goýumlaryň ýokary derejesi, esasan, ýurduň içerki çeşmeleriň hasabyna üpjün edilipdir. Bu döwletlerde önümçiligiň bellige alnan ýokary ösüşi, Ýaponiýa döwletinde bolşy ýaly, serişde toplamalarynyň göwrüminiň yzygiderli we ynamly artmagyna daýanypdyr.

Ikinji nesildäki täze senagatlaşan ýurtlarda maýa goýumlaryň möhüm çeşmesi bolup, aýratyn hem başlangyç tapgyrlarda, çig mallary we oba-hojalyk önümlerini: nebiti, magdanlary, palma ýagyny we ş.m. eksport etmekden alynýan girdejileri hyzmat edipdir.

Latyn Amerikasy döwletlerinde “yzyndan ýetmek” ösüşini gazanmak tejribesini mazmuna baý diýip hasaplap bolar.

Öz ykdysadyýetini az wagtyň içinde depginli ösdürmegi başaran döwletleriň ählisi özüniň eksport we import ýaýrawyny işjeň ýagdaýda giňeldipdirler, şol bir wagtyň özünde 1960-1970-nji ýyllarda ykdysady taýdan ösüp gelýän döwletlerde daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmekde netijeli hem işjeň çäreleriniň göwrüminiň artandygyny bellemek gerek. Latyn Amerikasy yklymynyň döwletleri özünde bar bolan tebigy çig mal gorlaryny köp möçberde daşary ýurt bazarlaryna satuwa çykarandygyna garamazdan, taýýar harytlyk önümlerini eksport edýän ösen döwletlerden yza galmagyny dowam etdiripdir. Bu ýagdaýy ýeňip geçmek maksady bilen Latyn Amerikasy döwletlerinde daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan senagatlaşmak syýasaty kabul edilipdir. Bu syýasat çig malyň eksportyndan taýýar senagat önümleriniň öndürilmegine geçmekligi göz öňünde tutupdyr.

Latyn Amerikasy döwletleri özüniň ykdysady giňişligini Demirgazyk Amerikanyň dogumly aralaşmagyndan goramagyň çäklerinde ýurtlaryň özünde öndürilýän önümleriň bahasyny pese düşürmek boýunça toplumlaýyn çäreleri kabul edilipdir, munuň netijesinde sebitde saklanyp galnan serişdeler bolsa milli senagaty döwrebaplaşdyrmak maksatlaryna gönükdirilipdir. Bu çemeleşme netijeli bolup çykypdyr. Şeýle strategiýany peýdalanmagyň geografiki ýaýrawy (Aziýa we Afrika döwletleriniň hasabyna) barha giňelipdir.

Latyn Amerikasy yklymynyň daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmäge gönükdirilen senagatlaşmasy özüniň ösüşinde üç esasy tapgyry geçdi.

Birinji tapgyr – 1930-1950-nji ýyllar aralygynda – esasan, ýeňil senagaty, şonuň ýaly-da gurluşy boýunça çylşyrymly bolmadyk enjamlary hem-de aralyk sarp ediş önümlerini (oba hojalyk iş gurallary, gurluşyk materiallary, stanoklar, ýeňil we agajy gaýtadan işleýän senagatyň önümleri) öndürýän senagat pudaklary güýçli depginde ösdürilipdir.

Şonuň bilen bir wagtda bu işde döwletiň orny düýpli ösýär: ol diňe bir senagatyň ösmegi üçin zerur bolan şertleri döretmek, ilkinji nobatda import babatynda ýokary gümrük paçlaryny bellemek bilen çäklenmän, döwlet eýeçiliginde galýan tutuş senagat pudaklaryny hem infrastrukturasyny hemmetaraplaýyn goldamagyny dowam edipdir. Biraz gijräk, ikinji Jahan urşy döwründe Latyn Amerikasynyň çäginde ýerleşýän Braziliýada we käbir beýleki ýurtlarda iş tejribesine döwlet meýilnamalaşdyryş usullary girizilip, olar uzagyndan ykdysadyýetiň hususy sektoryna giňden ýaýraýar we öz içine salgytlary, bahalary, subsidiýalary we karzlary kadalaşdyrmagyň uly bir ulgamyny alýar.

Ikinji tapgyry 1950-nji ýyllarda geçipdir. Bu döwürde ady agzalan ýurtlatda agyr senagat (himiýa senagaty, maşyn gurluşyk, metallurgiýa, metallary gaýtadan işlemek senagaty) güýçli depgin bilen ösüp başlaýar. Latyn Amerikasy sebitiniň has ösen ýurtlarynda (Meksikada, Braziliýada, Argentinada uzak wagtlap sarp edilmek üçin niýetlenen, tehniki taýdan çylşyrymly gurluşy bolan önümleriň (durmuşda peýdalanylýan sowadyjy enjamlaryň, awtoulaglaryň) öndürilişi giňden ösýär. Latyn Amerikasy döwletleriniň jemi içerki önüminiň gurluş düzüminde gaýtadan işleýän senagatyň paýy ösýär. Bu döwürdäki ösüş, esasan daşary ýurt maýa goýumlarynyň hem karzlaryň hasabyna üpjün edilipdir.

Üçünji tapgyry 1970-nji ýyllarda bolup geçdi. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny çalyşýan senagatlaşmanyň amala aşyrmagyň zerurlygyny delillendirýän ykdysady we syýasy ýagdaýlary Braziliýa döwletiniň mysalynda has aýdyň görmek bolýar. Braziliýanyň "ykdysady keramaty" 1970-nji ýylda orun alyp başlaýar hem-de ýurduň iň iri senagat kärhanalarynyň 20-siniň bökdençsiz işlemegine daýanýar, olardan 11-si – döwlet eýeçiliginde, 7-si – daşary ýurt kompaniýalaryň eýeçiliginde bolupdyr ýa-da olaryň gözegçilik etmeginde işläpdir, we diňe 2-si milli hususy kärhanalary hasaplanypdyr. Döwlet eýeçiliginde bolan kompaniýalar elektroenergiýa, metallurgiýa, şonuň ýaly-da nebiti gazyp çykarmak, gaýtadan işlemek we eksport etmek pudaklarynyň önümçiligine gözegçilik edipdirler. Agyr senagatyň adaty bolan pudaklarynyň ösmegi bilen bir wagtda, Braziliýada ylmy sygymy ýokary bolan önümçilikler (elektronika we robototehnika, täze materiallaryň, biotehnologiýalaryň we farmasewtika önümçiligi, atom we awiakosmos senagaty) öz ösüşini tijendirýär. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek

strategiýasynyň çäklerinde ýurtda döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň gurluşyny döwrebaplaşdyrmak we bu ulgamy ykdysadyýetiň tiz ösýän bir pudagyna öwürmek boýunça netijeli işler amala aşyryldy.

Döwrebaplaşdyrmak işleriniň barşynda Braziliýada döwlet tarapyndan infrastrukturanyň we dürli pudaklaryň ösdürilmegi boýunça uzak möhletleýin maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar we kabul edilýär. Puluň hümmetsizlenmegine garşy yzygiderli göreşiň alnyp barylýandygyna garamazdan, Braziliýada bilim ulgamyna edilen harajatlaryň JIÖ-däki paýy düýpli artypdyr. Şol döwürde müňlerçe talyp ýaşlar daşary ýurtlara bilim almak üçin ugradylypdyr. Hünär bilimini ýokarlandyrmak maksatlaryna bölünip berilýän karzlaryň göwrümi düýpli artdyryldy. Döwlet tarapyndan ylmy-barlag institutlarynyň we uniwersitetleriniň işini düýpli maliýeleşdirmek çäreleri amala aşyryldy.

1968-1975 ýyllarda ýurtda derman önümleriň, awtoulaglaryň we traktorlaryň, radioenjamlaryň, awtoulag hereketlendirijileriniň, stanoklaryň, energetika enjamlarynyň önümçiligi güýçli depginde ösdürilip, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň göwrümi ujypsyz derejä ýetirildi, şol bir wagtyň özünde ady agzalan önümleriň daşary bazarlaryna eksport edilmegi artdyrylyp başlandy.

Täze asyryň başynda Latyn Amerikasy döwletlerine “çepe öwrülmek” hadysasy mahsus bolupdyr. Bu hadysanyň orun almagyna şonuň ýaly-da dünýäniň “örän uly döwletleri” atlandyrylýan topara girýän Hytaýyň, Hindistanyň we Braziliýanyň özüniň dünýä ykdysadyýetinde we syýasatynda tutýan ornunyň pugtalanmagy sebäp bolupdyr. Latyn Amerikan döwletleriniň Hytaý bilen hyzmatdaşlygynyň geriminiň giňelmegi olar üçin täze mümkinçiliklere ýol açypdyr. Bu döwürde Hytaýda we Hindistanda bellige alnan ýokary ykdysady ösüş tutuş dünýäde oba hojalyk we çig-mal önümlerine bolan sarp ediş isleginiň ýokarlanmagyna alyp gelýär. Bu ýagdaý serişdeleriň uly bölegini durmuş ulgamyny ösdürmek üçin gönükdirmäge şert döredýär, netijede “çep ugurly” syýasat has giň gerime eýe bolýar.

Hytaýda we Hindistanda ösüşiň bu ugry boýunça toplanan iş tejribesiniň dünýäniň köp döwletleri üçin nusgalyk hasaplanýandygyny nazara alsak, bu tejribede has giňişleýin durup geçmek maksadalaýyk bolar.

Hindistanda amala aşyrylan döwlet ykdysady syýasaty ýurduň ykdysady taýdan yzagalaklygyny ýeňip geçmäge we ykdysady özbaşdaklygyny üpjün etmäge gönükdirildi. Senagatlaşma hadysalarynyň barşynda Hindistan döwletinde indikatiw meýilnamalaşdyrmak usullary giň gerim alyp başlaýar, 1951-1961-nji ýyllary döwründe durmuşa geçirilen ilkinji 5 ýyllyk meýilnamalarynda bu ugrukma has-da aýdyň ýüze çykýar. Şol bir wagtyň özünde, amala aşyrylan 5 ýyllyk ösüş maksatnamalarynyň çäginde döwlet hem hususy ulgamlaryň arabaglanyşygy işjeň ýagdaýda amala aşyrylýar. Milli ykdysadyýetiň hususy böleginiň giň gerim almagy ýurtda täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek we ösdürmek maksadyna gönükdirilen döwlet goldawynyň hasabyna bolup geçýär.

Ykdysady liberallaşmanyň barşynda hususy kapital öz ornuny ynamly pugtalandyrýar: eýýäm 1996-njy ýylda hususy sektoryň ýurduň JIÖ-inde tutýan paýy 75%-e çenli ýokarlanýar (1981-nji ýylda bu görkeziji 41%-e deň bolupdyr). Amala aşyrylýan özgertmeleriň barşynda işleri ygtyýarlylandyrmakdan kem-kemden ara açylýar, milli we daşary ýurt hususy kapitalyna



başga-da dürli düýpli ýeňillikler döredilýär. Bu döwürde öňdebaryjy tehnologiýalary daşary ýurtlardan import etmek üçin degişli döwlet rugsatnamasynyň alynmagy zerur şert hasaplanypdyr. Şunda Hindistanda hereket eden milli patent kanunçylygy günbatar tehnologiýalarynyň gaýtalanmagyny gyýtaklaýyn ýagdaýda höweslendiripdir, munuň özi ýurduň köp sanly kärhanalarynyň, aýratyn hem farmasewtiki konsernleriniň gülläp ösmegini üpjün edipdir. Umuman alanyňda, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hindi ykdysadyýetini ösdürmekdäki ornunyň o diýen uly däldigini bellemek gerek. 1990-njy ýyllaryň sepgidinde Hindistana göni daşary ýurt maýa goýumlary az möçberde gönükdirildi, 2000-nji ýyllarda bolsa bu görkeziji 1 ýylda 2-3 milliard dollar möçberinde saklanypdyr.

Emma 2004-nji ýyldan başlap Hindistan tutuş dünýä boýunça maýalyk serişdeleri gönükdirmek babatynda (Hytaýdan we ABŞ-dan soň) 3-nji orunda durupdyr. Hindistana gönükdirilýän göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi düýpli artyp başlaýar. Hindistan döwleti daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmegiň bähbitli tarapyny ýokary tehnologiýalary satyn alyp getirmekde görýär.

Hindistanyň hökümeti ýokary depginli ösýän ykdysady zolaklary (köpugurly hem haýsydyr bir ugra ýöriteleşdirilen zolaklary) döretmeklige uly üns berýär. Ykdysady zolaklaryň çäklerinde ýerleşýän kärhanalar ilkinji 5 ýylyň içinde döwürde salgytlardan doly boşadylýar, mundan soňky ýene 5 ýylyň dowamynda hususy telekeçiler bellenen salgytlaryň diňe ýarysyny tölemek bilen çäklenýärler.

Hojalyk özgertmeleriň durmuşa geçirilen döwründe (1970-nji ýyllaryň ahyryndan başlap) Hytaý Halk Respublikasynda gazanylan ägirt uly öňegidişlikler tutuş dünýäniň ünsüni özüne çekmegini dowam edýär. Soňky 20 ýylyň içinde özüniň ykdysady ösüşi boýunça Hytaý döwleti dünýäde ilkinjiligiň başyny ynamly çekýän ýurtlaryň hatarynda bolmagynda galýar.

Hytaý özüniň milli ykdysadyýetini düýpli döwrebaplaşdyrmakda saýlap alan maksady ýurdy häzirkizaman senagat we oba hojalyk önümçiligi, ylmy, medeniýeti, hyzmatlar ulgamy üpjün edilen, ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesi iňňän ýokary bolan döwlete öwürmekden ybaratdyr. Şol sebäpden HHR-da ýurdy döwrebaplaşdyrmagyň “adimme-ädim” strategiýasy kabul edilip, onda ilkinji we iň möhüm wezipe hökmünde milli ykdysadyýeti düýpli döwrebaplaşdyrmakda oňyn öňegidişlikleri gazanmak meseleleri öňe sürüldi.

Hytaý döwleti özüniň milli ykdysadyýetiniň daşarky dünýä üçin açyk bolmagyny gazanmakda-da oňat öňegidişliklere ýetmegiň hötdesinden gelýär. 2009-njy ýylda Hytaý

söwda etmekde we göni daşary ýurt maýalyk serişdelerini özüne çekmekde dünýä boýunça öňdebaryjylygy saklamagy başarypdyr.

Hytaýda toplanan iş tejribesinde daşary ýurt maýa goýumlaryny gönükdirmegiň birnäçe guramaçylyk-hukuk görnüşleri giňden ulanylýar. Bu ugurda paýly bilelikdäki kärhanalary we dolulygyna daşary ýurt eýeçiligindäki kärhanalary döretmekden başga-da, daşary ýurtly maýadarlar Hytaý kärhanalary bilen goşmaça potrat ylalaşyklaryny baglaşmak, ornuny dolujy söwdany alyp barmak (satyn alnan enjamlaryň bahasyny tölemegiň çäklerinde taýýar önümleri bermek), ylalaşyklary baglaşmak esasynda bilelikdäki kärhanalary (edara tarapyny döretmezden emläk toplumlaryny kemala getirmek, olarda girdejiler binýatlaýyn sermaýada tutýan paýyňa laýyklykda däl-de, gazanylan ylalaşyga görä paýlanylýar) ýaly guramaçylyk usullaryndan peýdalanyp bilýärler.

Hytaýda bilelikdäki hususy telekeçiligi alyp barmak boýunça aýratyn zolaklary döretmekde-de oňyn tejribäniň toplanandygyny bellemek gerek. XX asyryň 80-nji ýyllarynda Hytaýyň Günorta-Gündogar kenarynda aýratyn ykdysady zolaklar döredilip, olardaky senagatyň eskporta ugrukdyrylmagy oba hojalygyny, maliýe ulgamyny syýahatçylygy we ş.m. pudaklary ösdürmek bilen içgin utgaşdyrylýar. 1984-1992-nji ýyllar aralygynda Hytaýyň Gündogar kenarynda ýerleşýän şäherlerinde döredilen ykdysady we tehniki ösüş zolaklary, ilkinji nobatda, kemala gelen senagat toplumlaryny tehnologiýa taýdan düýpli döwrebaplaşdyrmak maksatlaryna gönükdirilendir. 1985-1988-nji ýyllarda kemala getirilen “açyk” deňizýaka zolaklary ýurduň degişli welaýatlarynyň obalyk sebitleriniň aglaba bölegini öz içine alýar; ol ýerde esasan, senagatyň eksporta ugrukdyrylan hem-de zähmet sygymy ýokary bolan pudaklary güýçli depginde ösdürilýär.

1990-njy ýyllarda ýurtda “ýokary tehnologiýalar zolaklary” diýlip şertli atlandyrylýan toplumlaryň döredilmegine ýiti üns berlip başlanylýar. Bu zolaklar ylmy-önümçilik parklary görnüşinde döredilip, olaryň öňünde düýpgöter täze materiallary we tehnologiýalary döretmek, ownuk seriýaly synag önümçilikleriniň işini ýola goýmak wezipeleri baş maksat hökmünde bellenilýär. 1992-nji ýyldan başlap ýurtda erkin söwda zolaklarynyň (erkin gümrük zolaklarynyň) bitewi bir ulgamy kemala getirilýär, olaryň işi eksport-import amallaryny geçirmäge gönükdirilendir. Şol döwürde serhetýaka açyk zolaklaryny kemala getirmek işlerine hem badalga berilýär, olaryň baş wezipesi serhetýaka söwdasy bilen bagly hyzmatlar ulgamyny ösdürmekden ybarat bolupdyr.

Hytaýyň ykdysadyýeti häzirki döwürde-de özüniň okgunly ösmegini dowam edýär, onuň ösüş mümkinçilikleriniň ätiýaçlyk gorlarynyň hem ägirt uly bolmagynda galýandygyny bellemek gerekdir, munuň özi iňňän giň gerime eýe bolan içerki bazaryň, önümçilik gurluşlarynyň düýpli döwrebaplaşdyrylmagynyň, şeýle-de ýurduň dünýä ykdysadyýetine we globallaşmak giňişligine barha ynamly hem rowaçly aralaşmagy başarýandygynyň hasabyna gazanylýar.

Şu ýerde “yzyndan ýetmek” ösüş syýasatynyň şowly (ýa-da şowsuz) many-mazmunynyň bu syýasatyň döredilen ýurdunyň özboluşly aýratynlyklary bilen baglylykda ýüze çykandygyny nygtamak zerurdyr. Toplanan halkara tejribesini netjeli peýdalanmak üçin ol ýa-da beýleki syýasatyň rowaçlanmagynyň haýsy ykdysady kanunalaýyklykga esaslanýandygyny jikme-jik bilmek gerekdir.

Oňyn häsiýetli halkara tejribesiniň jemini jemlemek bilen, senagatlaşma strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagynda, esasan, üç tapgyry aýratyn nygtap görkezmek bolar.

Birinji (daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek bilen bagly) tapgyrda, ozal düýbünden bolmadyk pudaklaryň düýbi tutulýar we milli önüm öndürijiler daşary ýurt bäsdeşliginden ýörite çäreleri amala aşyrmak arkaly goralýar. Milli önüm öndürijileri goramakda peýdalanýan gümrük ýa-da islendik beýleki görnüşli gorag serişdeleriniň üsti geljekde eksporty höweslendirmek bilen ýetirilmelidir. Diňe şeýle ýagdaýda eksporta ugrukdyrylan senagat syýasatyna geçmek üçin oňyn şertler döredilýär. Eksporty höweslendirmezden proteksionizmy amala aşyrylmagy daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek bilen bagly çäkli meseleleriň çözülmegi bilen baglydyr.

